TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– BIZIŇ HALKLARYMYZ WE DÖWLETLERIMIZ ÜÇIN PARAHATÇYLYGY, ABADANÇYLYGY, ÖSÜŞI, MERKEZI AZIÝANYŇ DÜNÝÄ ÄHMIÝETLI, ÇALT DEPGINLER BILEN ÖSÝÄN, GELJEGI ULY YKDYSADY SEBITLERIŇ HATARYNA DOLY WE NETIJELI GOŞULMAGYNY ÜPJÜN EDIP BILJEKDIGIMIZE YNANÝARYN.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
15-nji sentýabr, 2023. Belgisi 37/1551



# SEBIT HYZMATDAŞLYGYNYŇ NUSGALYK DEREJESI

***Täjigistan Respublikasynyň Duşenbe şäherinde Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň başinji Konsultatiw duşuşygynyň çäklerinde birnäçe çäreler geçirildi.***

14-15-nji sentýabrda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň bäşinji Konsultatiw duşuşygyna we Araly halas etmegiň halkara gaznasyny esaslandyryjy döwletleriň Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisine gatnaşmak üçin Täjigistan Respublikasynda iş saparynda bolýar.

Ýokary derejedäki duşuşyklaryň çäklerinde Duşenbede Merkezi Aziýa ýurtlarynyň wekiliýetleriniň gatnaşmagynda birnäçe çäreler geçirildi we resminamalaryň birnäçesine gol çekildi.

Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ýolbaşçylarynyň bäşinji Konsultatiw duşuşygynyň Gün tertibinde sebitde köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy has-da giňeltmek, şol sanda syýasy gepleşikleri ösdürmek, söwda, maýa goýum, ulag, energetika ugurlarynda bilelikdäki maksatnamalary we taslamalary öňe sürmek, oba hojalygy we ekologiýa, medeni we ynsanperwer alyş-çalşygy güýçlendirmek, şeýle hem häzirki zaman howpsuzlyk meselelerine we wehimlerine garşy göreşmek ýaly birnäçe mowzuklar maslahatlaşyldy. Şeýle-de, forumyň çäklerinde önüm öndürijileriň sergisi, sungat eserleriniň görkezilişi we beýleki medeni çäreler geçirildi.

Birleşigiň döredilmeginiň 30 ýyllygy mynasybetli geçirilýän Araly halas etmegiň halkara gaznasyny esaslandyryjy ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň ýubileý duşuşygynda suw serişdelerini dolandyrmak we rejeli peýdalanmak babatynda sebit hyzmatdaşlygynyň möhüm ugurlaryna garamak, şeýle hem gaznanyň işini has-da kämilleşdirmek ýaly meseleler bar.

**Merkezi Aziýa:** Aziýanyň merkezi sebiti. Günbatarda Hazar deňzinden gündogarda günbatar Hytaýyň serhetlerine çenli uzaýar. Demirgazykda Russiýa bilen, günortada Eýran, Owganystan we Hytaý bilen serhetleşýär. Merkezi Aziýa Gazagystany, Gyrgyzystany, Özbegistany, Türkmenistany we Täjigistany öz içine alýar.

Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň birinji Konsultatiw duşuşygy 2018-nji ýylyň martynda Gazagystanyň Astana şäherinde, ikinji duşuşygy 2019-njy ýylyň noýabrynda Özbegistanyň Daşkent şäherinde, üçünji duşuşygy 2021-nji ýylyň awgustynda Türkmenistanda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda, dördünji duşuşygy bolsa geçen ýylyň iýulynda Gyrgyzystanyň Çolpon-Ata şäherinde geçirildi.

### MERKEZI AZIÝA ÝURTLARYNYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLERINIŇ GEŇEŞINIŇ MEJLISI

13-nji sentýabrda Duşenbe şäherinde Merkezi Aziýa ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisi geçirildi. Onda Duşenbe şäherinde meýilleşdirilen Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň nobatdaky Konsultatiw duşuşygynyň ähmiýeti nygtaldy.

Bellenilişi ýaly, soňky ýyllarda Merkezi Aziýa sebitiniň ýurtlary durnukly durmuş-ykdysady hem-de ekologiýa taýdan ösüşi goldamaga, innowasiýa häsiýetli senagatyň we ösen ulag düzüminiň kemala gelmegine gönükdirilen düýpli we giň möçberli çäreleri durmuşa geçirýärler.

Mejlise gatnaşyjylar bular barada durup geçmek bilen, Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň özara duşuşyklarynyň bu ugurda bilelikdäki tagallalary öňe ilerletmäge gönükdirilendigini bellediler we nobatdaky Konsultatiw duşuşygyň anyk netijeleri gazanmakda ähmiýetli boljakdygyna ynam bildirdiler.



### ULAG MINISTRLERI ULAG WE LOGISTIKA PUDAGYNYŇ MÜMKINÇILIKLERINI MASLAHATLAŞDYLAR

Şol gün Duşenbe şäherinde Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň Konsultatiw duşuşygynyň çäginde Merkezi Aziýa döwletleriniň ulag ministrleriniň ilkinji duşuşygy geçirildi. Duşuşyga Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň wekilleri gatnaşdy. ■ 2

## Türkmenistan–BMG: hyzmatdaşlyga gönükdirilen täze başlangyçlar



**Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan sebit we dünýä derejesinde parahatçylygyň, durnuklylygyň hem-de howpsuzlygyň berkidilmegine öz goşandyny goşýar. Hususan-da, dünýäniň we sebitiň döwletleri bilen ysnyşykly hem-de köptaraply gatnaşyklary ösdürmegiň ýurdumyzyň daşary syýasy strategiýasynyň esasy ýörelgesidigini bellemek gerek. Şeýle hem halkara guramalary bilen, esasan hem, Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet berilýär.**

**Türkmenistan abraýly halkara, sebit we döwletara hyzmatdaşlyk mehanizmlerine işjeň gatnaşmak bilen, parahatçylyk hem-de ynanyşmak medeniýetiniň pugtalandyrylmagyna uly goşant goşýar, deňeçer we jebisleşdiriji halkara gün tertibiniň yzygiderli durmuşa geçirilmegine ýardam berýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen maksada okgunly we uzak möhletleýin hyzmatdaşlygy ýurdumyzyň daşary syýasatynyň strategik ugry esasynda üpjün edilýär.** ■ 3

## Medeni gatnaşyklaryň aýdyň beýany



**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen eziz Watanymyz ösüşiň täze belentliklerine tarap ynamly barýar. Il-ýurt bähbitli, döwlet we dünýä ähmiýetli beýik işleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda ýokary netijeler gazanylýar, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleri yzygiderli ýokarlanýar, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň halkara abraýy barha artýar.**

**Täze taryhy eýýamda ýurdumyzyň beýleki ulgamlary bilen bir hatarda medeniýet ulgamyny hem ösdürmäge, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmäge möhüm ähmiýet berilýär. Ýurdumyzda dürli medeni çäreleri, şol sanda bäsleşikleri, Medeniýet hepdeligini, şeýle hem dostlukly ýurtlarda Türkmenistanyň Medeniýet günlerini, dürli ýurtlaryň Türkmenistandaky Medeniýet günlerini, halkara festiwallary, maslahatlary geçirmek asylly däbe öwrüldi.** ■ 3

# «ÇALSANA, BAGŞY!» BÄSLEŞIGINIŇ ÝEŇIJILERI YGLAN EDILDI

***12-nji sentýabrda Döwlet medeniýet merkeziniň Mukamlar köşgünde «Çalsana, bagşy!» atly döredijilik bäsleşiginiň jemleýji tapgyry geçirildi.***



Halk sazandalarynyň we bagşylarynyň döredijilik bäsleşigine 18-35 ýaş aralygyndaky türkmenistanlylaryň gatnaşmagy ýurdumyzda ýaşlar syýasatyna uly üns berilýändigine şaýatlyk edýär. Ýaş nesliň milli medeniýetimiziň gymmatlyklaryna aralaşmagyny üpjün etmek, olaryň döredijilik başarnyklaryny ýüze çykarmak we has-da ösdürmek bu syýasatyň möhüm ugrudyr. Şunuň bilen birlikde, döredijilik bäsleşigi halypaçylyk däplerini berkitmäge, döwürleriň arabaglanyşygyny saklamaga, ýurdumyzda uly üns berilýän saz sungatyny wagyz etmek işine goşant goşmaga gönükdirilendir. «Çalsana, bagşy!» bäsleşiginiň jemleýji tapgyryna ýurdumyzyň welaýatlaryndan we Aşgabat şäherinden 12 sany dutarçy sazanda, şonça hem bagşy gatnaşdy. Şolaryň 5-si zenan bagşy-sazandalardyr.

Häzirki döwürde ýaşlar özleriniň halypalary bilen dürli bäsleşiklere, döwlet derejesinde geçirilýän konsertlere, guralýan baýramçylyk çykyşlaryna işjeň gatnaşýarlar. Munuň özi kalplarda baky ýaşajak sungaty döreden meşhur türkmen bagşylarynyň ýollarynyň mynasyp dowam etdirilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Häzirki zaman halk bagşylary we sazandalary milli sungatyň däplerini saklaýarlar we ösdürýärler. «Çalsana, bagşy!» bäsleşiginiň jemleýji tapgyryna gatnaşanlar bu asylly ýörelgeleriň ösüşiň täze derejesine çykýandygyny aýdyň görkezdiler. Sazandalaryň çykyşlary bilen başlanan döredijilik bäsleşiginde ýurdumyzyň her bir welaýatyna mahsus özboluşly ýerine ýetirijilik häsiýetleri, gaýtalanmajak aýratynlyklar şöhlelendi. Ähli gatnaşyjylaryň ýerine ýetirmeginde ýaňlanan «Çalsana, çalsana, çalsana, bagşy!» sazy milli saz medeniýetimiziň köpöwüşginlidigini görkezdi.

Zehinleriň häzirki gözden geçirilişiniň esasy maksady bolan halkymyzyň saz medeniýetini hem-de onuň parahatçylyk döredijilik başlangyçlaryny şöhratlandyrmaga gönükdirilen çykyşlar konsert maksatnamasynda öz beýanyny tapdy.

Jemleýji bäsleşigiň ahyrynda dabara gatnaşanlaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda ýeňiji bolan bagşylaryň hem-de sazandalaryň 12-siniň atlary yglan edildi.

Aşgabat şäherindäki 70-nji orta mekdebiň iňlis dili mugallymy Şaguly Hojamgulyýew, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenhowaýollary» agentliginiň Jemagat-hojalyk kärhanasynyň «Laçyn» tans-saz folklor toparynyň 2-nji derejeli orkestriniň artisti Serdar Bäşimow, Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň halk sazy fakultetiniň 2-nji ýyl talyby Kerim Nyýazow, Ahal welaýat Medeniýet müdirliginiň Babadaýhan etrap medeniýet bölüminiň medeniýet merkeziniň 2-nji derejeli artisti Allamyrat Idirisow, Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň halk sazy fakultetiniň 3-nji ýyl talyby Merdan Baýramgeldiýew, Balkan welaýat ýörite sungat mekdebiniň mugallymy Daýançmyrat Hangeldiýew, Daşoguz welaýat Medeniýet müdirliginiň Görogly etrap medeniýet bölüminiň Türkmenistan geňeşligindäki Kerpiçli oba medeniýet öýüniň aýdym-saz ýolbaşçysy Güýçmyrat Atabaýew, Daşoguz welaýat Medeniýet müdirliginiň Akdepe etrabynyň çagalar sungat mekdebiniň mugallymy Begenç Urpekow, Lebap welaýat Medeniýet müdirliginiň Saýat etrap medeniýet bölüminiň Saýat şäher medeniýet öýüniň akkomponiatory Kerim Annakulyýew, Lebap welaýat ýörite sungat mekdebiniň dutar hünäri boýunça mugallymy Akmurat Hoşyýew, Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň halk sazy fakultetiniň 4-nji ýyl talyby Göwher Tuhyýewa, Mary welaýatynyň Türkmengala etrabyndaky 19-njy orta mekdebiň aýdym-saz mugallymy Şükürberdi Hudaýberenow dagy diplomlar hem-de hormatly Prezidentimiziň altyn zynjyry bilen sylaglandylar. Şeýle hem «Çalsana, bagşy!» bäsleşiginiň jemleýji tapgyryna gatnaşanlaryň ählisine ýadygärlik sowgatlary gowşuryldy.

## Hindistanyň täze karary



Hindistanyň Hökümeti öz ýurduna Bharat adyny täzeden dakmakçy. Bu barada Hindistanyň gündelik neşiri «The Economic Times» ýazýar.

4

## Dünýäniň meşhur otluly syýahatlary



Dünýäde meşhurlyk gazanan otluly gezelençler syýahatçylygyň gyzykly ugurlarynyň biridir. Demir ýol ulagynda gezelenç etmek köp adamyň ünsüni özüne çekýär.

5

## 80-nji Wenesiýa film festiwaly tamamlandy



Dünýäniň iň gadymy film festiwaly bolan Wenesiýa kino şüweleňi tamamlandy. 80-nji gezek geçirilen festiwalda baş baýraga gresiýaly režissýor Ýorgos Lantimosyň «Görgüli betbagtlar» kinosy laýyk görüldi.

6

## Türkmen klublarynyň AFK-daky duşuşyklary



Geljek hepdäniň başynda Aziýanyň klub ýaryşlarynyň täze möwsümi başlaýar. Yklymyň iň uly ýaryşynda ýurdumyza «Ahal», AFK Kubogynda «Altyn asyr» we «Merw» wekilçilik eder.

7

# SEBIT HYZMATDAŞLYGYNYŇ NUSGALYK DEREJESI

Başlangyjy 1-nji sahypada.
Duşuşygyň dowamynda taraplar ulag we logistika pudagy boýunça sebit mümkinçiliklerini has-da ösdürmegiň zerurdygyny bellediler.

Forumda ulag pudagynyň ösüşiň esasy görkezijileriniň biri bolup durýandygy hem-de Türkmenistanyň amatly geografiki ýerleşişinden we mümkinçiliklerinden peýdalanyp, milli ösüşi üpjün etmek üçin zerur geosyýasy we geoykdysady bähbitleri öňe sürýändigi bellenildi.

Foruma gatnaşyjylar sebitdäki ýurtlaryň biri-biri bilen baglanyşyklydygy barada umumy pikiri aýtdylar hem-de häzirki döwrüň aýratynlyklaryna we talaplaryna jogap edip, munuň üçin bar bolan uly mümkinçilikleri ulanyp, bu ugurdaky gatnaşyklary hemmetaraplaýyn çuňlaşdyrmagyň zerurdygyny bellediler.

Ulaglaryň özara baglanyşygyny berkitmekde platforma bolmak üçin döredilen köptaraplaýyn duşuşygyň netijesinde Bilelikdäki Beýanat kabul edildi hem-de «Merkezi Aziýada gury ýer ulaglarynyň



özara baglanyşygyny güýçlendirmek barada» Ylalaşyk taslamasy tassyklandy.

### MERKEZI AZIÝA ÝURTLARYNYŇ ÝOKARY OKUW MEKDEPLERINIŇ REKTORLARYNYŇ FORUMY

Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ýokary okuw mekdepleriniň rektorlarynyň ikinji forumy hem döwlet Baştutanlarynyň ýokary derejedäki Konsultatiw duşuşygynyň çäklerindäki ugurdaş çäreleriň hatarynda mynasyp orna eýe boldy. Foruma gatnaşyjylar öňde durýan meseleler boýunça pikir alşyp, şolaryň özara gatnaşyklary beýleki pudaklar bilen birlikde, ylym-bilim ulgamynda hem barha ösdürmäge we giňeltmäge ýardam etjekdigine ynam bildirdiler.

Şunda Türkmenistanda ýokary bilim ulgamynyň işi barada durlup geçilip, ýurdumyzyň bilim ulgamynda ylym we önümçilik gatnaşyklarynyň pugtalandyrylýandygyna hem-de ýokary derejeli işgärleriň taýýarlanylmagyna uly ähmiýet berilýändigine üns çekildi. Şoňa görä-de, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ýokary okuw mekdepleriniň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmegiň oňat mümkinçilikleri döretjekdigine uly ynam bildirildi.

### TÜRKMEN TÜRGENLERI HALKARA ÝARYŞDA 4 MEDALA MYNASYP BOLDULAR

Duşenbe şäherinde Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň Konsultatiw duşuşygynyň çäklerinde Merkezi Aziýa ýurtlarynyň türgenleriniň arasynda suwda ýüzmek boýunça halkara ýaryşyna badalga berildi. Halkara ýaryşynda ýurdumyzyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň türgeni O.Nuraýewa 50 metr brass usulynda ýüzmekde 3-nji orny, Aşgabat şäherindäki 74-nji orta mekdebiň okuwçysy W.Mirenskaýa 50 metr batterflaý usulda ýüzmekde 3-nji orny, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby G. Hommadow 200 metr arkanlygyna ýüzmekde 3-nji orny eýeledi.

Şeýle hem Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň türgeni O. Nuraýewa we Aşgabat şäherindäki 74-nji orta mekdebiň okuwçysy W. Mirenskaýa estafeta görnüşinde 4x100 metre erkin usulda ýüzmekde gyzlaryň arasynda 2-nji orny eýeledi. Şeýlelikde, ýurdumyzyň türgenleri bu halkara ýaryşynda 1 kümüş, 3 bürünç medala mynasyp boldular.

## Maýa goýmagy ýeňilleşdirer

Ýewropa Parlamenti howa bilen bagly maksatlara ýetmek, şeýle hem energiýa serişdelerine garaşlylygy azaltmak maksady bilen arassa energiýa çeşmelerine maýa goýmagy ýeňilleşdirer. Şeýle hem Ýewropa Bileleşiginde 2030-njy ýyla çenli gaýtadan dikeldilýän energiýanyň sarp edilişi 32 göterimden 42,5 göterime ýetirildi.

Fransiýanyň Strasburg şäherinde geçirilen Ýewropa Parlamentiniň ýygnagynda energiýa baradaky täze düzgün sesleriň köplügi bilen kabul edildi. Täze düzgüne görä, ýurtlar umumy sarp edilýän energiýanyň 45 göteriminiň arassa çeşmelerden üpjün edilmegi üçin tagalla etmeli bolarlar.



Soňky maglumatlara görä, Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlarda sarp edilýän energiýanyň 22 göterimi ýel we Gün ýaly arassa çeşmelerden alynýar. Täze düzgüne görä, bu ugurlardaky maýa goýumlara has gysga wagtda rugsat berler. Logistika pudagynda hem arassa ýangyçlaryň sarp edilişi artdyrylyp, bu pudakda ýyladyşhana gazlarynyň howa goýberilýän möçberi 2030-njy ýyla çenli 14,5 göterim peseldiler.

Täze düzgün agza ýurtlaryň parlamenti tarapyndan tassyklanandan soňra güýje girer.

**Näzik HUDAÝBERDIÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallym-öwrenijisi.*

## Marsda kislorod öndürildi

NASA-nyň 2021-nji ýylda Marsa gondurylan «Perseverance» atly alty tigirli robotyndaky MOXIE (Mars kislorod ýerinde çeşme ulanylyşy) enjamynyň kiçijik güjügiň dem almagyna ýetjek derejede kislorod öndürendigi mälim edildi. Aerokosmos edarasynyň hünärmenleri iki ýylyň dowamynda alnyp barlan tejribäniň netijesinde kislorod öndürmegi başardylar.



Astronomlar MOXIE-niň häzirki wagtda 122 gram kislorod öndürendigini, munuň bir güjügiň 10 sagatlap dem aljak howasyna barabardygyny mälim etdiler. Enjam garaşylandan has ýokary netije berip, 98 göterim arassa kislorod öndüripdir. Enjamy Massaçusets tehnologiýa institutynyň hünärmenleri işläp taýýarlapdyr.

MOXIE atly gutujyk robotyň beýleki elektron enjamlarynyň täsir etmezligi üçin altyndan ýasalypdyr. MOXIE-niň öndüren kislorody ballonynda saklanýar.

Kömürturşy gazyny kisloroda öwürmek üçin işlenip taýýarlanan enjam Ýerde birnäçe synagdan geçirilenden soňra Gyzyl planeta iberilipdi. Bu taslama geljekde Aýda ýa-da Marsda astronomlaryň zähmet çekjek beketlerinde peýdalanylmagy üçin işlenip taýýarlandy.

**Aýlar AKMYRADOWA,**
*Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň mugallymy.*

# SAGLYGYMYZY GORALYŇ!

Her paslyň öz aýratynlygy, täsinligi bolýar. Güýz paslynda howanyň sowamagy, ýagynlylygy, çyglylygy, yzgarlylygy hem-de üýtgemegi bilen möwsümleýin ýiti respirator ýokanç keselleri dörediji wiruslaryň köpelmegine şert döreýär. Şonuň üçin hem her bir adam kesellerden goranyp, sagdyn ýaşap ilatyň arassaçylyk medeniýetiniň ýokarlanmagyna, dürli ýokanç keselleriň, ýaramaz endikleriň öňüni almaga işjeň gatnaşmalydyr.

Iýmit önümleri her bir adamyň bedeniniň kuwwatly bolmagyny üpjün edip, kesellere garşy göreşmek ukybyny ýokarlandyrýar we dürli keselleriň, şol sanda möwsümleýin keselleriň hem ýüze çykmagynyň öňüni alýar. Adamlar gündelik iýmitlerinde miweleri, ir-iýmişleri, gök-bakja we süýt önümlerini köp mukdarda ulanmalydyr. Witaminlere, minerallara, mikroelementlere baý miweleri, gök önümleri iýmeli. Milli tagam bolan gyzyl burç atylan unaşyň hem saglykda ähmiýetli orun tutýandygy mälimdir. Gyzyl burç unaşa üýtgeşik tagam berip, ony unaşa islegiňize görä goşmaly we ýany bilen süzme äberilse, has tagamly we peýdaly bolar. Ýiti tagamy we ysy bolan sarymsagyň düzüminde ýokanç keselleri dörедijileri gyryjy maddalar saklanýar. Saglygy berkitmekde bu ösümlikden peýdalanmak gadym wagtlardan bäri dowam edip gelýär. Şeýle hem, limon, bal garylan gök çaý, ýyly mineral suwy, ter we kakadylan miweleriň gaýnatmalary, gök önümleriň, miweleriň we ir-iýmişleriň täze sykylan şireleri, Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynda beýan edilýän derman otlardan taýýarlanan



melhem çaýlary, dermanlyk ösümliklerden narpyzyň, ýandagyň, çopantelpegiň, buýan köküniň, injir ýapragynyň demlemesi peýdaly içgiler hökmünde maslahat berilýär.

Nädogry naharlanmak, ýagny köp iýmek ýa-da lukmana sala salman horlanmak üçin aç gezmek, has gyzgyn ýa-da gaty sowuk zatlary iýip-içmek bedende madda çalşygynyň üýtgemegine, umumy ýagdaýyň ýaramazlaşmagyna getirýär. Ýaşy ulurak adamlara ýagsyz sygyr eti, ýumurtga, nohut, noýba, kädi, süýt önümleri ýaramly. Gündelik iýmite ter gök otlar, kelem, käşir, şugundyr, kädi ýaly gök-bakja önümleri goşmaly.

Güýzüň howasy adama üýtgeşik täsir edip, bu wagt tebigatda gezelenç etmäge mümkinçilik döreýär. Arassa howada gezmek adam bedenindäki maddalaryň alyş-çalşygyna, endamynyň hereketine täsir edýär. Şonuň üçin pasla görä geýinmeli, daş çykmazdan öň burun boşlugyna oksolin melhemini çalmaly. Aýaklar mydama ýyly saklanmaly.

Ýaşaýyş we iş otaglaryny arassa saklamaly, ýygy-ýygydan çygly arassalaýyş tämizligini ýörite niýetlenen zyýansyzlandyryş serişdelerini rejeli we ýerlikli ulanyp geçirmeli, otaglaryň howasyny çalşyp durmaly. Bedeniň kesellere garşy göreşmek ukybyny berkitmek üçin aram gyzgyn we sowuk suw gezekleşdirilýän duş, ertirki maşklar, haýal ylgaw, ýöremek, welosipedli gezelenç etmek peýdaly.

Ýokarda agzalan maslahatlary berk berjaý etseňiz, özüňizi möwsümleýin döreýän kesellerden gorap bilersiňiz.

**Maýagözel NURJYKOWA,**
*Aşgabat şäheriniň 6-njy Saglyk öýüniň baş lukmany.*

## Efiopiýa senenamasynda Täze ýyl

Her ýylyň 11-nji ýa-da 12-nji sentýabrynda Efiopiýada täze ýyla gadam basylýar. Özüne mahsus senenamasy we sagat guşaklygy bolan Efiopiýada 2016-njy ýyla gadam basyldy. Täze ýylyň birinji gününe «enkutataş» diýilýär. Täze ýylyň ilkinji güni ýagynly möwsümiň tamamlanyp, hasyl ýygnamagyň wagtynyň gelendigini alamatlandyrýar. Ýurtda milady senenamadan 7 ýyl 8 aý töweregi yzda barýan Gün senenamasy ulanylýar. Bu senenama dini senenama bolmak bilen ähli resmi işlerde hem ulanylýar. Efiopiýada sagat ulgamy hem başgaça. Gün sagat 00:00-da dälde, 06:00-da başlaýar. Bir gün 12 sagatlyk iki bölekden ybarat. Şeýlelikde, gijegündiziň birinji ýarymy 06:00-da, ikinji ýarymy 18:00-da başlaýar. Senenama 30 günlük 12 aýdan ybarat bolup, ýylyň galan 5 ýa-da 6 güni 13-nji aý hasaplanýar.



**Hydyr RAHMANOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

# «IPHONE 15» TELEFONLARY TANYŞDYRYLDY

12-nji sentýabrda «Apple» kompaniýasy «iPhone 15» smartfonlaryny, «akylly» sagatlaryny, şeýle hem smartfonlary üçin «iOS 17», «akylly» sagatlary üçin «watchOS10» amaly ulgamyny tanyşdyrdy. Smartfonyň täze tapgyry «iPhone», «iPhone 15 Plus», «iPhone 15 Pro» hem-de «iPhone 15 Pro Max» diýlip atlandyryldy.

Mälim bolşy ýaly, Ýewropa Bileleşigi şu ýyl ähli smartfonlaryň we kiçi elektron enjamlaryň zarýad beriş ulgamynyň birmeňzeş, has dogrusy «USB-C» bolmalydygy barada karar kabul edipdi. Şeýle bolansoň, täze tanyşdyrylan ähli enjamlaryň, şol sanda «AirPods» we «EarPods» enjamlarynyň zarýad beriş ulgamynyň Ýewropa standartyna geçendigini görmek bolýar. Şeýlelikde, kompaniýanyň mundan ozal ulanýan «Lightning» zarýad beriş ulgamy aradan aýryldy.

«iPhone 15» we «iPhone 15 Plus» modelleriniň reňkleri has açyk we solak. «iPhone 15 Pro» we «iPhone 15 Pro Max» smartfonlary bolsa, titan reňkli edilipdir. Bu telefonlarda ekranyň çarçuwasynyň has insizdigini görmek bolýar.

Täze seriýada «15 Pro» we «15 Pro Max» modellerinde has güýçli bolan «A17 Pro Bionic» mikroprosessor, beýleki iki modelde «A16 Bionic» mikroprosessor oturdylypdyr.



### «iPhone 15» we «iPhone 15 Plus»

Bu iki telefonyň gara, ak, gülgün, sary we ýaşyl reňkli görnüşleri bar. «iPhone 15»-iň hem-de «iPhone 15 Plus»-yň esasy kamerasynyň durulygynyň 48 megapikseldigi mälim edildi. Telefonda A16 mikroprosessory oturdylypdyr. Ekranyň ululygy 6,1 dýuým bolup, arka tarapy solak reňkli aýnadan edilipdir. «iPhone 15», 799 dollardan, «iPhone 15 Plus» 899 dollardan satuwa çykarylar.

### «iPhone 15 Pro» we «iPhone 15 Pro max»

«iPhone 15 Pro» we «Pro Max»-yň gabarasy titandan bolansoň, telefonyň agramyny biraz




azaldypdyr. «A17 Pro» mikroprosessory bolsa enjamyň dürli amallary has çalt ýerine ýetirmegine mümkinçilik berýär. «iPhone 15 Pro» 999 dollardan, «iPhone 15 Pro Max» 1199 dollardan başlaýan bahalar bilen satuwa hödürlener. «iPhone 15 Pro Max»-dan beýleki telefonlaryň bahasynyň geçen ýylky bilen deňeçerdigi mälim edildi. Kompaniýanyň tanyşdyran enjamlary 22-nji sentýabrda satuwa çykarylar.

Şeýle hem tanyşdyrylyş dabarasynda kompaniýanyň önümçiliginiň planetamyza zyýanly täsirini azaltmak üçin hem tagalla edýändigi bellenildi. «Apple» 2030-njy ýyla çenli ähli enjamlarda «nol uglerod» maksadyna ýetmegi meýilleşdirýär. Kompaniýa önümlerinde ozal ulanylan ýa-da ýene gaýtadan ulanyp boljak materialyň möçberini ýokary derejä çykarmagy meýilleşdirýär.

### «Akylly» sagatlar

Dabarada tanyşdyrylan «Apple Watch Series 9» sagadynyň ululygy babatda iki görnüşi (41 mm we 45 mm) bar. Sagadyň iki nusgasyna-da S9 mikroprosessory oturdylypdyr. Şeýlelikde, enjamyň ozalkydan 30 esse çalt işlejekdigi mälim edildi. Bu enjamyň zarýady 18 sagada ýetýär. «Apple» enjamlarynyň ulanyjylarynyň işini ýeňilleşdirýän hyýaly kömekçisi «Siri» hem sagadyň eýeleriniň hyzmatynda bolar. Mundan başga-da, «iPhone»-yňyzy sagat arkaly tapmak mümkin. Sagadyň 5 reňkiniň bardygy habar berildi.

Kompaniýa türgenleşmegi halaýanlar üçin «Watch Ultra 2» goşar sagadyny öndüripdir. Bu enjamy bir gezekki zarýady bilen 36 sagat ulanyp bolýar. Pes energiýa modunda işledilende zarýadyň 72 sagada ýetjekdigi bellenilýär. «Apple Watch Series 9» 399 dollardan, «Apple Watch Ultra 2» 799 dollardan satuwa çykarylar.

«Apple» enjamlarynyň amaly ulgamynyň «iOS 17» täzelenmesiniň bolsa, 18-nji sentýabrda hödürlenjekdigi mälim edildi.



## Şäher merkezine girmek tölegli bolar

Dünýäniň iň köp syýahatçy kabul edýän şäherleriniň biri bolan Italiýanyň kanallar şäheri Wenesiýanyň merkezine girmek geljek ýyldan başlap tölegli bolar. Syýahatçylar şäheriň gadymy ýadygärlikleriň jemlenen taryhy merkezine girmek üçin 5 ýewrolyk bilet satyn almaly bolar. Şäheriň ýerli häkimiýetiniň ýolbaşçysy Luiji Brugnaro şäher merkezine girişiň belli wagtyň dowamynda düzgünleşdirilmeginiň gereklidigini, emma munuň şäheriň ýapylýandygyny aňlatmaýandygyny aýtdy. Bu töleg diňe şähere gündizine girip-çykjak syýahatçylara degişli bolup, şäherdäki myhmanhanalarda bolýanlara, şäherde ýaşaýanlara, işleýänlere, okuwçylara, talyplara we 14 ýaşdan kiçilere degişli däldir.



Täze düzgün 12-nji sentýabrda şäheriň mejlisinde sese goýuldy we tassyklandy. Şeýlelikde, geljek ýylyň bahar aýlaryndan başlap, myhmanlaryň has köp bolan günlerinde, jemi 30 gün giriş tölegli bolar.

Kanallaryň üstünde gurlan we taryhy ýadygärliklere baý bolan şähere her ýylda millionlarça syýahatçy barýar. Mundan iki ýyl ozal uly ýolagçy gämileriniň şähere girmegi gadagan edilipdi.

## Internet ulanyjylarynyň sany artýar

Halkara telekommunikasiýa bileleşiginiň ýaýradan maglumatlaryna görä, dünýä ilatynyň üçden ikisi internetden peýdalanýar. Soňky bir ýylda internet elýeterliligi bolan ilatyň sany 100 million artypdyr. Birleşen Milletler Guramasyna degişli bileleşik Ýer ýüzünde 5,4 milliard adamyň internete elýeterliliginiň bardygyny habar berdi. Bu görkezijiniň ilatyň 67 göterimine deňdigi bellenildi. Ilatyň 33 göterimini emele getirýän 2,6 milliardy bolsa internetden peýdalanmaýar.



Bileleşigiň ýolbaşçysy Dorin Bogdan-Martin internet torunyň gowulandyrylmagynyň oňyn ädimdigini, 2030-njy ýyla çenli global we maksada laýyk tor emele getirmek üçin yzygiderli tagalla edilmelidigini belledi.

Geçirilen barlaglara görä, 2023-nji ýylda senagat taýdan ösen ýurtlaryň ählisinde internet elýeterliligi ýokary derejä çykypdyr. Beýleki ýurtlarda bolsa internet torunyň çäginiň giňelýändigi aýdyldy. Bu ýurtlarda internet ösüşi soňky bir ýylda 17 göterim artypdyr.

## Bir ýyllap kosmosda boldy

Frank Rubio 356 günläp halkara kosmos bekedinde bolup, iň uzak wagtlap kosmosda bolan amerikaly boldy. NASA-nyň habar bermegine görä, Rubio mundan ozal Mark Wande Haýa degişli bolan 355 günlük rekordy täzeläpdir. Rubionyň 27-nji sentýabrda Ýere dolanyp geljekdigi, şol senä çenli üznüksiz 371 günläp kosmosda boljakdygy mälim edildi. Geçen ýylyň 21-nji sentýabrynda Halkara kosmos bekedine giden Rubio ol ýerdäki wezipe möhleti tamamlananda, bir ýyldan köp wagtlap kosmosda bolan ilkinji amerikan astronawty adyna eýe bolar.



Mälim bolşy ýaly, Halkara kosmos bekedine NASA-nyň, şol sanda Russiýanyň kosmonawtlary şol bir kosmos gämisinde gidip gelýär. Rubio we onuň bilen bilelikde 2 rus kosmonawty 6 aýlyk möhlet bilen Russiýanyň «Soýuz» kapsulasy bilen uçurylypdy. Emma olary yzyna alyp gaýtmaly «Soýuz MS-22» kosmos gämisinde tehniki näsazlygyň ýüze çykmagy bilen yzyna boş gaýdypdy. NASA bolsa, rus we amerikan ekipažyny Ýere getirmek üçin kosmos gämisini ugratjakdygyny mälim edipdi. Şeýlelikde, Rubio Halkara kosmos bekedinde şu wagta çenli galmaly boldy.

Ýeri gelende bellesek, kosmos giňişliginde uzak wagtlap bolmak rekordy russiýaly kosmonawt Waleriý Polýakowa degişli. Ol 1994-nji ýylyň 8-nji ýanwaryndan 1995-nji ýylyň 22-nji martyna çenli 437 günläp «Mir» kosmos bekedinde bolup, rekord goýupdy. 30 ýyla golaý wagt geçendigine garamazdan häzire çenli bu rekord täzelenmedi.

## Mamasy we ejesi bilen okuwa başlady

Okamagyň çägi ýok diýilýäni çyn bolsa gerek. ABŞ-nyň Wiskonsin ştatynda bu söze mysal bolup biljek waka bolup geçdi. Ştatyň Kenoşa şäherindäki Karteç kollejinde 18 ýaşly Miýa Karter, onuň 49 ýaşly ejesi Emi Malçewski we 71 ýaşly mamasy Kristi Şwan şu ýyl birinji ýyl talyby hökmünde okuwa başladylar. Miýa buhgalteriýa we marketing hünärinden bilim alýar. Onuň ejesi bilen mamasy bolsa, şol okuw mekdebinde ynsanperwer bilimleri hünärinden magistratura maksatnamasynyň diňleýjileri bolupdyrlar. Şeýle hem Miýanyň uýasy Samanta Malçewski hem geçen ýyl şol okuw mekdebine giripdir. Ol okuwyny tamamlansoň, şepagat uýasy bolmaly.




Samanta ejesi bilen mamasynyň bu okuw mekdebine girendiklerini eşidende örän tolgunypdyr.

Metbugat wekilleriniň sowallaryna jogap beren Emi ömrüň gysgadygyny, şol sebäpli arzuwyňa ýetmek üçin jan etmelidigini belleýär.

Şwan bolsa, bir firmanyň ýolbaşçysy wezipesinde işläpdir we birnäçe kitap ýazypdyr. Ol ömrüniň dowamynda pensiýa çykanda magistratura okamagy arzuw edipdir. Ol täze işe girişmek üçin hiç haçan giç däldigini, ýaşyň okuwa päsgel bermeýändigini aýdýar.

Onuň agtygy Miýa bolsa, bir synpda okamaýan hem bolsa, okuw wagty biri-birlerini görüp bilmekleriniň gowy taraplarynyň bardygyny belleýär. Ol ejesi bilen mamasynyň okaýan synpyna çenli bilelikde gitmegiň, derslere taýýarlanmak ýa-da günortanlyk naharyny bilelikde iýmek üçin duşuşmagyň gowy zatdygyny belleýär.

## Ähli ýurtlar üçin wizany ýatyrmagy meýilleşdirýär

Keniýanyň Prezidenti Wilýam Ruto ýurdunyň ähli adamzadyň öýüdigini aýdyp, geljek birnäçe aýyň dowamynda dünýäniň ähli ýurtlaryna wizany ýatyrmagy meýilleşdirýändiklerini aýtdy. Paýtagt Naýrobide geçirilen Afrika klimat sammitinde çykyş eden Ruto taryhda adamzadyň ilkinji oturymly ýaşaýşynyň Keniýada peýda bolandygyna ünsi çekip, bu ýere gelýänlerden wiza talap etmegiň dogry däldigini aýtdy.




Prezident Ruto wezipä girişenden soňra birnäçe ýurt üçin wizany ýatyrypdy. Ýurduň Prezidenti mundan ozal ähli Afrika ýurtlary üçin wiza düzgünini ýatyrjakdygyny aýdypdy.

Afrika Bileleşigi bilen Keniýanyň bilelikde geçiren «Afrika we dünýä üçin ýaşyl ösüşi hem-de klimatyň maliýeleşdirilmeginiň çözgütlerini goldamak» atly sammiti üç gün dowam etdi.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Sentýabr aýynyň 15-i, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-112416
Belgisi: 37/1551
Tiražy: 8318
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# ARKADAG ŞÄHERI – döwrebap tehnologiýalaryň şäheri

Häzirki wagtda berkarar Diýarymyzyň islendik künjegine barsaň amala aşyrylýan toplumlaýyn gurluşyklarda gözüň eglenýär. Watanymyzyň mukaddes topragy, gözel sähralary, deňzi-deryasy, dagy-deresi Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen uly özgertmelere, bereket çeşmesine beslendi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallalaryndan, hormatly Prezidentimiziň bimöçber goldaw-hemaýatlaryndan bina bolan Arkadag şäheri berkarar türkmen döwletiniň okgunly ösüşleriniň, beýik özgertmeleriniň şäheridir. «Akylly» şäher konsepsiýasyna laýyklykda gurlan Arkadag şäheriniň Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda dabaraly açylmagy ähli halkymyzyň milli buýsanjyny artdyran taryhy waka boldy.

Mälim bolşy ýaly, Arkadag şäheriniň dabaraly açylyşynyň öň ýanynda «Arkadag şäheri – geljegiň şäheri» atly kitap neşir edilip, halkymyza gowuşdy. Giň okyjylar köpçüligi üçin niýetlenen, türkmen, iňlis, rus dillerinde neşir edilen bu kitaby okanymyzda, Arkadag şäherine bolan buýsanjymyz has-da artýar.

Arkadag şäheriniň «akylly» şäher konsepsiýasyna laýyklykda gurulmagy, bu ajaýyp şäheriň kämillik derejesiniň ýokarydygynyň aýdyň mysalydyr. Arkadag şäherinde bina edilen desgalar dünýäniň iň kämil innowasion tehnologiýalary bilen üpjün edildi. Munuň özi, bu ýerde halkyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini döwrebaplaşdyrmakda, raýatlaryň bagtly durmuşyny kemala getirmekde möhüm ähmiýete eýedir. Ýaşamak, işlemek, döretmek, okamak üçin ähli şertleriň we mümkinçilikleriň döredilmegi, täze şäheriň ýaşaýjylarynyň netijeli işlemekleri we rahat durmuşda ýaşamaklary hakyndaky aladalaryň aýdyň netijesidir.

Döwlet ähmiýetli şäher diýen aýratyn hukuk derejesine eýe bolan Arkadag şäheri, hakykatdan-da, akylyňy haýran



edýän täsin şäher. Köpetdagyň eteginde bina edilen «akylly» şäher, sözüň doly manysynda, ýaşlygyň, geljegiň, bagtyýarlygyň mekanydyr. Şäheriň ak mermerli binalary, gözel desgalary, aýna ýaly tekiz ýollary, dürli gömüşli baglary özboluşly sazlaşygy emele getirýär. Iň esasy hem, onda adamlaryň ýaşamagy, döredijilikli zähmet çekmegi we dynç almagy üçin has oňaýly şertleriň döredilendigidir hem-de häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän innowasion sanly tehnologiýalaryň olaryň hyzmatyna berlendigidir. Arkadag şäherinde «Altyn asyr» öýjükli aragatnaşygynyň 3G we 4G modellerinde işleýän binýatlaýyn beketleriň köp sanly toplumy ornaşdyrylyp, ulanmaga berildi, edara we hususy müşderilere niýetlenen GPON ulgamy we goşmaça giňeltmäge mümkinçiligi bolan 235 teleýaýlymy bolan IP telewideniýe ulgamy gurnaldy.

«Akylly» şäher konsepsiýasy esasynda gurlan döwlet ähmiýetli Arkadag şäherinde öňdebaryjy sanly çözgütleri we kommunikasiýa tehnologiýalary ulgamyndaky innowasiýalary jemlenýär. «Akylly» öýlerde «LoRaWAN» (Long range wide area network, Uzak aralykdan giň meýdan tory) enjamlary bolup, bular yşyklandyryş we ýyladyş enjamlaryny dolandyrmak we olara gözegçilik etmek üçin hyzmat edýär. Bu tehnologiýa öý eýelerine enjamlaryny uzak aralykdan dolandyrmaga hem-de energiýany tygşytlamaga ýardam berýär. Elektron hyzmatlaryň döwlet portalynda Arkadag şäheriniň «penjiresi» döredildi. Onuň kömegi bilen ýaşaýjylar sanly ulgam arkaly aragatnaşyk we jemagat hojalygy hyzmatlarynyň töleglerini tölemäge, jemgyýetçilik ulagyna petekleri satyn almaga, lukmanyň kabul edişligine ýazylmaga, onlaýn satyn almalary amala aşyrmaga mümkinçilik alarlar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzy bagtyýarlygyň mekanyna öwürmek, halkymyzy eşretli günlerde ýaşatmak ugrunda beýik, döwleti işleri amala aşyrýan Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Serdarymyza alkyşlarymyz çäksizdir. Goý, ata Watanymyz ösüşli ýollarda mundan beýläk-de gülläp össün!

**Behişt OJAROWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň fakultet terapiýasy kafedrasynyň assistenti.*

# Gahryman Arkadagymyzyň ynsanperwer sahawaty

Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda ýurdumyzda alnyp barylýan işler döwletimiziň geljegi bolan çagalarymyzyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge, olara hemmetaraplaýyn goldaw bermäge gönükdirilendir. Şoňa görä-de, Türkmenistan bagtly çagalygyň we arzuwlaryň hasyl bolýan ýurdy hökmünde ykrar edildi.

Ýurdumyzda ýaş nesliň terbiýelenmegi hem-de Watanymyza mynasyp ýaşlar bolup ýetişmegi ugrunda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy köp işleri amala aşyrýar. Arkadag şäherinde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkeziniň hem ulanmaga berilmegi, hemaýata mätäç çagalara kömek etmek boýunça giň gerimli işleri ep-esli giňeltmäge mümkinçilik berdi.

Bu gazna ýurdumyzyň her bir raýatyna haýyr-sahawat işine goşant goşmaga mümkinçilik berýär. Şunda türkmen halkynyň Milli Lideri watandaşlarymyza şahsy görelde görkezýär. Gaznanyň bank hasaplaryna gelip gowuşýan maliýe serişdeleri çagalara lukmançylyk we bilim hyzmatlaryny bermäge, olara doly derejeli dynç almak üçin mümkinçilikleriň döredilmegine, beýleki zerurlyklara niýetlenendir. Bularyň ählisi körpelere özleri baradaky aladany duýmaga, jemgyýetde mynasyp orun eýelemäge mümkinçilik berýär.

Haýyr-sahawat gaznasy tarapyndan howandarlyga mätäç çagalara paýtagtymyzyň we welaýatlaryň lukmançylyk edaralarynda zerur operasiýalary geçirmek üçin yzygiderli pul serişdeleri bölünip berilýär, şeýle hem lukmançylyk hyzmatlaryny tölemäge we çagalar öýlerinde, ýöriteleşdirilen mekdeplerde hem-de mekdep-internatlarda terbiýelenýän we bilim alýan ýaş türkmenistanlylar üçin lukmançylyk maksatly serişdeleriň satyn alynmagyna gönükdirilýär.

Türkmenistanda ýaş nesliň sazla-



şykly ösmegi, döwrebap bilim almagy, ukyp-başarnyklaryny açmagy, bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmagy, zähmet endiklerini ele almagy, wagtyny gyzykly hem-de peýdaly geçirmegi üçin ähli şertler döredilendir.

Geçen döwrüň içinde hossarsyz çagalara we mätäçlik çekýän maşgalalaryň çagalaryna geçirilen ýürek, bogun, göz operasiýalary maliýeleşdirildi. Geçen ýyl haýyr-sahawat gaznasy tarapyndan ýurdumyzyň welaýatlarynyň etrap we şäher hassahanalarynyň çagalar bölümlerine «Tiz kömek» awtoulaglary sowgat berildi. Şu ýylyň dowamynda gaznanyň serişdeleriniň hasabyna doganlyk Türkiýede bolup geçen pajygaly ýertitremede ejir çeken çagalara, şeýle hem Ukrainanyň çagalaryna niýetlenen degişli ýükleriň ugradylmagy, Russiýanyň Primorskiý ülkesiniň çagalaryna ynsanperwer kömekleriň iberilmegi onuň işiniň çäginiň barha giňeýändigini görkezýär. Munuň özi gaznanyň işiniň diňe bir ýurdumyzyň hemaýata mätäç çagalaryna däl, eýsem, zerur bolan halatynda, dünýä ýurtlarynyň ejir çeken çagalaryna hemaýat bermek maksadyny hem öz içine alýandygyny tassyklaýar.

Gahryman Arkadagymyzyň başlyklyk etmeginde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýanynda 2021-nji ýylyň mart aýynda Ýaşulular geňeşi döredilip, ýurdumyzda türkmençiligiň ajaýyp sypatlarynyň biri bolan sahawatlylygyň giňemegine itergi beren gaznanyň işi geňeş arkaly dolandyrylýar. Ýaşulular geňeşiniň döredilmeginiň maksady gaznanyň işini ilerletmek, hemaýatkärleriň sanyny artdyrmak, goldaw edilýän ugurlary giňeltmek bilen baglydyr.

Şeýle hem Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň hasabyna bejergi alan çagalar üçin tomus paslynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda dynç almaga giň mümkinçilikler döredildi.

**Ahmet EÝEBERDIÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Bilim ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýady berkidilýär

Milli bilim ulgamynyň hemmetaraplaýyn ösdürilmegi hem-de onuň maddy-enjamlaýyn binýadynyň berkidilmegi, bu ulgamyň hil taýdan täze derejä çykarylmagy döwlet syýasatynyň ileri tutulýan möhüm ugrudyr. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 32 ýyllygynyň belleniljek bereketli güýz paslynyň ilkinji gününde paýtagtymyz Aşgabatda Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň täze binalar toplumynyň düýbüni tutmak dabaralarynyň geçirilmegi bu ýokary okuw mekdebiniň talyplarynyň buýsanjyna buýsanç goşdy. Häzirki wagtda ýokary okuw mekdepleri diňe bir döwrebap bilimli, sazlaşykly ösen ýaşlary taýýarlamak üçin talabalaýyk enjamlaşdyrylan okuw merkezleri bolmak bilen çäklenmän, olar milletimiziň aň-bilim kuwwatyny doly açmak, jemgyýetimiziň medeni we ruhy ösüşiniň, Watanymyzyň mundan beýläk-de durmuş-ykdysady abadançylygynyň ygtybarly binýady bolup durýar. Munuň özi geljekde bize eziz Watanymyzyň mundan beýläk-de rowaçlanmagyna hem-de durmuş-ykdysady taýdan ösüşine mynasyp goşant goşmaga mümkinçilik berer.

Ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak we binagärlik-gurluşyk, jemagat hojalygy, himiýa, energetika, senagat we ýol-ulag pudaklaryny inžener işgärleri bilen üpjün etmek bu ýokary okuw mekdebiniň esasy wezipesidir. Ýurdumyzyň gurluşyk we senagat toplumynda işleýän işgärleriň hünär-bilim derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen, institutda hünär derejesini ýokarlandyryş fakultetiniň hereket edýändigini bellemek gerek.

Häzirki wagtda bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi, sanly bilim ulgamynyň mundan beýläk-de kämilleş-



dirilmegi, onuň ähli tapgyrlarynda maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy, okuw işiniň dowamynda innowasion çemeleşmeleriň ulanylmagy ugrunda uly işler alnyp barylýar. Şu maksat bilen, institutda degişli ylalaşyklaryň hem-de ähtnamalaryň esasynda Russiýa Federasiýasynyň, Rumyniýanyň, Belarusuň, Germaniýanyň, Italiýanyň, Hindistanyň we beýleki ýurtlaryň esasy ýokary okuw mekdepleri bilen netijeli gatnaşyklar ýola goýuldy hem-de işjeň ösdürilýär.

Gurluşykçy, binagär ýaşlar ýurdumyzyň çar künjeginde beýik binalary, köprüleri, ýollary gurýarlar. Olar ak arzuwlar bilen ýurdumyzy has gözel görnüşe getirýärler. Şoňa görä-de, binagärlik-gurluşyk boýunça hünärleri kämilleşdirmek möhüm bolup durýar. Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň täze binalar toplumynyň gurlup ulanylmaga berilmegi ýaş hünärmenleri taýýarlamaga, ýurdumyzyň hem-de dünýä ylmynyň, maglumat tehnologiýalarynyň ýokary gazananlaryny işjeň peýdalanmaga, ylmy-barlag işlerini has-da giňeltmäge mümkinçilik berer.

Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň täze binalar toplumyny gurmak dünýä şähergurluşyk meýillerini hasaba almak bilen amala aşyrylar, şunda gurluşyk işlerinde milli binagärlik ýörelgeleri giňden peýdalanylar, onuň ulanylmaga berilmegi pudaklaýyn bilim ulgamyny ösdürmek üçin uly mümkinçilikler açar. Gujur-gaýratly hem-de ukyp-başarnykly ýaşlar bu ýerde döwrebap bilim alarlar, ýokary derejeli hünärmenler bolup ýetişerler, ele alan çuňňur bilimleri, döredijilikli hem-de tutanýerli zähmeti bilen geljekde, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe eziz Watanymyzyň abraýyny we şöhratyny has-da belende götererler. Dünýä tejribeleri nazara alnyp bina ediljek bu ýokary okuw mekdebinde ýene-de sanlyja ýyldan talyplara häzirki zamanyň ösen talaplaryna laýyk gelýän bilim berler. Ýokary derejeli hünärmenleriň täze nesli kemala geler.

Hormatly Prezidentimiziň hemmetaraplaýyn aladasyna okuwda, zähmetde gazanýan üstünliklerimiz bilen jogap berip, eziz Watanymyzyň mundan beýläk-de okgunly ösmegine hem-de parahatçylygyň, döredijiligiň, ösüşiň ýoly bilen täze sepgitlere tarap ynamly öňe gitmegine mynasyp goşant goşmaga çalşarys.

**Didar ANNAÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# TÜRKMENISTAN – BMG: hyzmatdaşlyga gönükdirilen täze başlangyçlar

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Häzirki wagtda Türkmenistan BMG-niň belent münberinden öňe süren we öňe sürýän halkara başlangyçlary bilen dünýäde parahatçylygyň hem-de durnukly ösüşiň gazanylmagyna uly goşant goşýar.

Golaýda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji mejlisi öz işine başlady. Baş Assambleýanyň 77-nji mejlisiniň başlygy Çaba Kereşi wezipesini tamamlap, 78-nji mejlisiň başlygy Trinidad we Tabago döwletinden Dennis Frensisiň ýolbaşçylygynda täze mejlisiň işine badalga berdi. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji mejlisi bir ýyllap dowam eder. Bu döwürde howanyň üýtgemegine garşy göreşmek, dünýäniň howpsuzlygyny berkitmek, adam hukuklaryny goramak we täze ykdysady mümkinçilikleri döretmek ugrunda köp sanly başlangyçlara we tekliplere garalar.

Azyk meselesini çözmekde Birleşen Milletler Guramasyna goldaw bermek bilen Türkmenistan döwletimiz Bütindünýä azyk maksatnamasy, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy, BMG-niň Çagalar gaznasy, Azyk we oba hojalygy boýunça guramasy bilen hyzmatdaşlykda azyk howpsuzlygy boýunça iri halkara forumy çagyrmagy teklip edýär.

Terrorçylyk bilen baglanyşykly islendik howplara garşy barlyşyksyz göreş alyp barmak babatda halkara jemgyýetçiliginiň başlangyçlaryny goldaýan türkmen döwleti BMG-niň Terrorçylyga garşy göreşmek müdirligi bilen BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň binýadynda Merkezi Aziýa üçin Terrorçylyga garşy göreşmek maksatnamasyny döretmek babatda işleri dowam etdirer.

Energetika howpsuzlygy babatdaky başlangyçlary bilen BMG-ä agza döwletleriň uly goldawyna eýe bolan Türkmenistan döwletimiziň başlangyjy bilen birnäçe möhüm kararnamalar kabul edildi. Bu ugurdaky işleri dowam etdirmek maksady bilen, 2025-nji ýylda Aşgabatda «Durnukly energetika hemmeler üçin» atly halkara maslahaty geçirmek göz öňünde tutuldy.

Türkmenistan ulag ulgamyndaky halkara gatnaşyklary işjeňleşdirmäge 78-nji sessiýa-



nyň çäklerindäki işiniň ileri tutulýan ugry hökmünde garaýar. Ýurdumyzyň başlangyjy bilen 26-njy noýabryň «Bütindünýä durnukly ulag güni» diýlip yglan edilmegi türkmen döwletiniň ulag ulgamynda gazanan diplomatik üstünlikleriniň ýene-de biridir. Ýurdumyzda ulag ulgamynda BMG-niň howandarlygynda birnäçe iri halkara maslahatlary guralýar.

Türkmenistanyň Baş Assambleýanyň 78-nji sessiýasynyň çäklerinde dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni çekjek möhüm ugurlarynyň ýene biri ekologiýa meselesidir. Bu ugurda ýurdumyz Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalaryň sebit merkezini döretmek teklibi bilen çykyş edýär. Şeýle hem BMG-niň howandarlygynda 2030-njy ýyla çenli parnik gazlarynyň zyňyndylaryny azaltmak boýunça ählumumy Strategiýany işläp taýýarlamaga girişmek teklip edilýär. Bu ugurdaky anyk ädim hökmünde BMG-niň degişli düzümleriniň hem-de Metan zyňyndylary boýunça halkara obserwatoriýanyň gatnaşmagynda Türkmenistanda halkara maslahaty geçirmek öňe sürülýär.

Ýurdumyz ynsanperwer ugurly gatnaşyklara-da aýratyn ähmiýet berýär. Şunuň bilen baglylykda, ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda adamlaryň goldawa mätäç toparlaryny: bosgunlary, migrantlary we raýatlygy bolmadyk adamlary goramaga aýratyn üns berler. Türkmenistan raýatsyzlygy azaltmak we öňüni almak boýunça uly ösüş gazandy. 2024-nji ýylda ýurdumyzda bu meselä bagyşlanan sebit maslahatyny geçirmek meýilleşdirilýär.

Medeniýetleriň arasyndaky dialogy ilerletmek hem-de BMG-niň Baş Assambleýasynyň halkara gatnaşyklarda köpdürlüligi goldamak boýunça Kararnamalaryny durmuşa geçirmek maksady bilen, Türkmenistan 2024-nji ýylda ÝUNESKO hem-de TÜRKSOÝ bilen bilelikde, Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna gabatlap, Türki dilleriň halkara hepdeligini geçirmegi, şeýle hem BMG-niň Baş Assambleýasynyň «Bütindünýä türki dilleriniň güni» atly Kararnamasyny kabul etmek mümkinçiligine seretmegi teklip eder.

Umuman, Türkmenistan 1992-nji ýylyň 2-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň agzalygyna kabul edildi we bu abraýly guramanyň çäklerinde özüniň ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmäge gönükdirilen möhüm başlangyçlary bilen uly abraýa eýe boldy.

**Babageldi ISMAILOW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

# Medeni gatnaşyklaryň aýdyň beýany

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Dünýä giňişliginde işjeň halkara hyzmatdaşlyk syýasatyny durmuşa geçirýän Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan türki dilli ýurtlar bilen gatnaşyklaryň giňeldilmegine uly üns gönükdirýär. Türki dilli ýurtlaryň halklary bilen türkmen halkyny taryhy köklerimiziň umumylygy, asyrlaryň jümmüşine uzap gidýän medeni we ruhy däpler baglanyşdyrýar. Häzirki döwürde Türkmenistan TÜRKSOÝ guramasynyň işjeň agzalarynyň biri bolup, medeni mirasyň goralyp saklanmagyna, türki dilli halklaryň arasynda doganlyk gatnaşyklaryň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Geçen ýylyň 28-nji noýabrynda hormatly Prezidentimiziň Türki medeniýetiň halkara guramasynyň (TÜRKSOÝ) Baş sekretary Sultan Raýewi kabul etmegi, bu guramanyň taryhy, ruhy, medeni gymmatlyklarynyň umumylygy birleşdirýän halklaryň arasyndaky dost-doganlygy, oňyn hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen maksatlaryna laýyk gelýän gatnaşyklarynyň netijeli häsiýetini bellemegi bu ugra berilýän ünsüň örän uludygyna şaýatlyk edýär.

Türkmenistan döwletimiz türki dünýäde döredilen ilkinji hyzmatdaşlyk guramasy bolan TÜRKSOÝ bilen hem-de oňa agza döwletler bilen özara medeni hyzmatdaşlygy yzygiderli alyp barýar. TÜRKSOÝ guramasy türki döwletleriň arasynda medeniýet we sungat ugurlary, bu ulgamda ylmy barlaglary, özara bähbitli döredijilik alyşmalaryny höweslendirmek hem-de bilelikdäki çäreleri geçirmek babatda gatnaşyklary alyp barýar.

TÜRKSOÝ-yň diňe bir gurama gatnaşyjy ýurtlaryň medeni gatnaşyklarynyň netijeli guraly bolmak bilen çäklenmän, eýsem, köp sanly döwletleri we halklary halkara hyzmatdaşlygyň giňişligine çekýändigini bellemek gerek. «Türki dünýäniň medeni paýtagty» taslamasy halkara giňişlikde türki halklaryň medeniýeti bilen tanyşdyrmaga mümkinçilik berýär.



Medeni gatnaşyklary ösdürmek Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, TÜRKSOÝ bilen türki dilli halklaryň baý medeni mirasyny aýawly saklamaga, öwrenmäge we wagyz etmäge gönükdirilen gatnaşyklaryň netijeli häsiýete eýedigini nygtamak zerurdyr. Şol miras umumadamzat medeni hazynasynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Şunda hormatly Prezidentimiziň, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň hyzmatlary örän uludyr.

Mälim bolşy ýaly, 2022-nji ýylda Türki medeniýetiň halkara guramasynyň hemişelik geňeşiniň nobatdaky mejlisinde Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygynyň hormatyna 2024-nji ýyl «Türki dünýäniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly», gadymy türkmen şäheri Änew bolsa 2024-nji ýylda «Türki dünýäniň medeni paýtagty» diýlip yglan edildi.

Daşary ýurtlaryň döredijilik toparlarynyň we wekiliýetleriniň gatnaşmagynda geljek ýyl Änewde geçiriljek medeni çäreleriň meýilnamasyny taýýarlamak boýunça işler utgaşykly alnyp barylýar. Hususan-da, ylmy maslahatlaryň, ýaşlaryň duşuşyklaryny we mediaforumlary, meşhur estrada, halk ýerine ýetirijileriniň konsertlerini, şekillendiriş, amaly-haşam sungatynyň eserleriniň sergilerini, fotosergileri, ýurdumyzyň taryhy-medeni ýadygärlikleri boýunça gezelençleri we beýleki köp sanly çäreleri guramak göz öňünde tutulýar. Şeýle hem Änewde TÜRKSOÝ-yň howandarlygynda däp bolan döredijilik çäresi geçiriler.

Şeýle wakalar TÜRKSOÝ-yň çäklerindäki hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge täze itergi berer hem-de baý türki medeniýetiň mundan beýläk-de ösdürilmegine ýardam eder.

**Kasymmyrat NURMÄMMEDOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Ýollarymyzyň abatlygy – ömrümiziň rahatlygy

Döwlet Baştutanymyzyň tabşyrygyna laýyklykda, ýol hereketine gatnaşyjy pyýadalaryň we sürüjileriň sanynyň barha artýan häzirki döwründe ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak maksady bilen, her ýylyň 1–30-njy sentýabry aralygynda ýurdumyzda «Ýol hereketiniň howpsuzlygy – ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlyk çäresi guramaçylykly geçirilýär.

Bu işler özüniň oňyn netijelerini hem berýär. Ilatyň arasynda geçirilýän şol işleriň esasy maksady, ýol hereketiniň kadalaryna aňly-düşünjeli garamak, ýol hereketiniň düzgünlerini pugta berjaý etmek, ýol hereketine gatnaşyjylaryň ýolagçy hökmünde ýol hereket medeniýetini ýokarlandyrmaga bolan garaýyşlaryny kämilleşdirmekden ybaratdyr.

Ýol hereketiniň howpsuzlygynyň biraýlygynda geçirilýän çärelere bilim-terbiýeçilik edaralaryndaky ýaşajyk körpeler, kiçi we uly ýaşly mekdep okuwçylary has işjeň gatnaşýarlar. Köçe-ýol hereketiniň düzgünleri barada açyk sapaklar, dürli bäsleşikler, wagyz-nesihat çäreleri yzygiderli geçirilýär.

Biraýlyk çäräniň dowamynda Polisiýanyň ýol gözegçilik gullugynyň işgärleri ýörite düzülen meýilnama laýyklykda, gatnawly ýollarda ýol hereketiniň düzgünleriniň berjaý edilişine, ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak boýunça gözegçilik çärelerine uly ähmiýet berýärler. Çagalar edaralarynda terbiýelenýän, bilim ojaklarynda okaýan çagalaryň, dürli edara-kärhanalarda, oba ýerlerinde zähmet çekýän bagtyýar raýatlaryň arasynda wagyz-nesihat işleri yzygiderli guralýar. Raýatlarymyzyň ýol hereketiniň düzgünlerini berjaý etmeklerini ga-



zanmak bu ugurda geçirilýän wagyz-nesihat çäreleriniň esasy maksadydyr. Mekdepleriň, çagalar baglarynyň ýanyndan geçýän gatnawly ýollarda yzygiderli gözegçilik ýola goýulýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň ýol-ulag düzümi yzygiderli döwrebaplaşdyrylyp, halkara derejeli ýollar, köprüler gurulýar. Ýollarda bökdençsiz hereketi ýola goýmak, raýatlaryň rahat gatnawyny üpjün etmek, döwrebap ýol-ulag ulgamyny döretmek babatynda sazlaşykly işler alnyp barylýar. Döwrebap ýollarymyz çyralar, günüň islendik wagtynda sürüji hem pyýada üçin anyk görünýän ýol belgileri bilen üpjün edilýär. Çatryklardaky sowma ýollar, köprüler, ýerasty hem-de ýerüsti geçelgeler, ýanýodalar we ýaşyl zolaklar - bularyň ählisi sürüjilerdir ýolagçylaryň rahat hereketleri üçin döredilen mümkinçiliklerdir.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýollarymyzyň howpsuzlygyny üpjün etmäge, sürüjiler we pyýadalar üçin oňat hem amatly şertleri döretmäge gönükdirilen netijeli işler amala aşyrylýar. Munuň üçin ýokary hilli ýollar, pyýadalara niýetlenen ýanýodalar, ýörite yşyklar bilen enjamlaşdyrylan ýerasty geçelgeler we duralgalar gurulýar, ýolagçylara hyzmat edýän ýokary hilli awtobuslar satyn alynýar.

Jemgyýetiň häzirki zaman ösüş döwründe ýol hereketiniň howpsuzlygy baradaky meseleler örän wajypdyr. Häzirki wagtda ýol hereketiniň kadalary we onuň düzgünleri barada düşündiriş, wagyz-nesihat işleri giň gerime eýe bolýar.

Ýollarymyzyň asudalygyny üpjün etmäge gönükdirilen biraýlyk çäräniň özeninde döwletimiziň maşgalalaryň abadançylygy, ynsan ömrüniň rahatlygy hakyndaky aladalary durandyr. Bu biraýlygyň çäklerinde ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmegiň kadalarynyň, düzgünleriniň talabalaýyk berjaý edilmegi barada ýokary okuw mekdebimiziň talyplarynyň hem-de mugallymlarynyň arasynda düşündiriş hem-de wagyz-nesihat çäreleri yzygiderli ýaýbaňlandyrylýar. Ýollarymyzyň abatlygy, ilimiziň abadançylygy babatda köpugurly tagallalary durmuşa geçirýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli belent tutumlary rowaçlyklara beslensin!

**Jamal MANAÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## DÜNÝÄ HABARLARY

gysga setirlerde

**Emeli aňyň mümkinçilikleri.** Hytaýda emeli aňyň mümkinçilikleri görkesildi. Serginiň myhmanlary hirurg robot hem-de Morao gowagyna gaýybana syýahat etmäge mümkinçilik berýän hyýaly hakykat äýnekleri bilen tanyşdyryldy. Şu ýyl ýurtda emeli aň ulgamy bilen meşgullanýan kärhanalaryň sany 5 müňe golaýlady.



**Aý rowerini iberer.** Awstraliýanyň Kosmos Gullugy (ASA) 2026-njy ýyla çenli Aý rowerini raketa göterijiniň kömegi bilen Aýa ugradar. Missiýanyň maksady Aýyň geologik gurluşyny, gorlaryny öwrenmek, şeýle hem agramsyzlyk şertlerinde synaglary geçirmekden ybarat bolar.




**El çarpmak rekordy täzelendi.** Ugandanyň paýtagty Kampaladaky zallaryň birinde ýüzden gowrak adam 3 sagat 16 minutlap el çarpyp, bu ugurdaky rekordy täzelediler. Ginnesiň rekordlar kitabynyň şertlerine laýyklykda, el çarpyşykda sesiň ortaça derejesi saklandy. Öňki rekord 2 sagat 15 minutdan ybaratdy.



**Ilkinji gonuş modulyny uçurdy.** H2A raketa göterijisine berkidilen Ýaponiýanyň ilkinji Aýa gonuş moduly SLIM Kagosima prefekturasynyň günorta-günbataryndaky Tanegasima kosmos merkezinden uçuryldy. Boýy 2,4 metr, agramy 200 kilogram bolan bu enjam Aýyň kraterlerini we relýefini öwrenmek üçin niýetlenendir.



**Iň gymmat altyn çäýnek.** Ginnesiň rekordlar kitaby bahasy 3 million dollar bolan çäýnegi dünýäniň iň gymmat çäýnegi diýip atlandyrdy. Beýik Britaniýanyň «N Sethia Foundation» gaznasyna degişli bolan çäýnek 18 karatlyk sary altyndan we altyn çaýylan kümüşden italýan zergäri Fulwio Skawia tarapyndan ýasaldy.



**Bir aý suwuň astynda.** «DEEP Research Labs» kompaniýasynyň ummany öwrenmek bilen meşgullanýan işgärleri Angliýada suwasty bazany gurmagy meýilleşdirýändiklerini mälim etdiler. Taslamany 2027-nji ýyla çenli Uelsde döretmegi meýilleşdirýärler, şondan soň barlagçylar bir aý töweregi wagtlaryny 200 metr çuňlukda geçirerler.



**Azaltmagyň möhletini uzaldýar.** Saud Arabystany nebit önümçiligini her gün meýletin 1 million barrel azaltmagy 2023-nji ýylyň ahyryna çenli uzaltmak kararyna geldi. Ondan öň meýletin azaltmak ilki iýul aýy üçin göz öňünde tutulypdy, soň bolsa awgust we sentýabr aýlaryna çenli uzaldylypdy.



**Dünýädäki satuwy artar.** «Gartner» barlag kompaniýasy 2023-nji ýylyň ahyryna çenli elektroulaglaryň dünýädäki önümçiliginiň üçden bir esse artyp, 15 milliona ýetmegine garaşylýandygyny habar berýär. Çaklamalara görä, geljek ýylda ösüş 19% bolup, üpjünçilik 17,9 million elektroulaga ýeter.



**Yzlary ýüze çykaryldy.** ABŞ-nyň Tehas ştatyndaky guraklyk paleontologlara dinozawryň yzlarynyň iň uzyn zynjyryny tapmaga kömek etdi. Takmynan, 110 million ýyl ýaşy bolan aýak yzlary Paluksi derýasynda uzak wagtlap suwuň aşagynda galypdyr. Emma gurak gelen iki ýyldan soň onuň düýbi mese-mälim göründi.



**Ýerde 6 müň töweregi mineral bar.** ABŞ-nyň Karnegi institutynyň bilermenleri Mars bilen Ýeriň arasyndaky möhüm tapawudy kesgitlediler. Gyzyl planeta minerallara örän garyp bolup çykdy. Ýer ýüzünde mineralaryň 6 müň töweregi görnüşi bar. Marsda bolsa 50 ýyllyk barlaglardan soň, onuň diňe 161 görnüşi ýüze çykaryldy.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1830-njy ýylyň 15-nji sentýabrynda Angliýada Liwerpuldan Mançestere çenli ilkinji şäherara demir ýol ugrunyň açylyşy boldy. Ir sagat 11:20-de bug bilen işleýän sekiz wagonly otly Liwerpuldan 50 kilometre uzaýan demir ýol arkaly ugrady. Demir ýoluň açylyş dabarasy döwlet derejesinde möhüm waka öwrüldi.**



# NÝU-DELIDE G20 SAMMITI GEÇIRILDI

9-10-njy sentýabrda Hindistanyň Nýu-Deli şäherinde geçirilen G20-niň sammitinde toparyň ýolbaşçylary Afrika Bileleşigine hemişelik agzalyk derejesini bermek barada ylalaşyk gazandylar. Şeýlelikde, Afrika Bileleşiginiň «Uly ýigrimilige» goşulmagy sammitiň esasy wakalarynyň biri bolup, indi ol Ýewropa Bileleşigi bilen deň derejede, G20-niň hemişelik agzasy boldy. 55 sany Afrika ýurduny öz içine alýan Afrika Bileleşiginiň häzirki başlygy Komor adalary Bileleşiginiň Prezidenti Azali Assumani sessiýada el çarpyşmalaryň astynda öz ornuna geçdi. G20-niň Liderleri Afrika Bileleşigini G20-niň hemişelik agzasy hökmünde kabul edilmegini mübärekläp, Afrika Bileleşiginiň topara goşulmagynyň global kynçylyklary çözmekde möhüm goşant goşjakdygyna berk ynam bildirdiler. Şeýle-de, G20-niň agzalary Afrika Bileleşiginiň sanly hyzmatlara we sanly hökümet infrastrukturasyna elýeterliligini gowulandyrmagy wada berdiler.

Maslahatyň barşynda toparyň ýolbaşçylary halkara ykdysady hyzmatdaşlyga ygrarlydyklaryny tassyklap, global ösüşi üpjün etmek üçin anyk çäreleri görjekdiklerini bellediler. Sammitde yglan edilen jarnamada G20-niň liderleri dinamiki, durnukly, deňagramly we ähli ýagdaýlary öz içine alýan ösüşi çaltlandyrmak maksady bilen hyzmatdaşlyk arkaly anyk hereket etjekdiklerini tassykladylar.

G20-niň agzalary birnäçe çökgünlikleriň uzak möhletleýin ykdysady ösüş üçin kynçylyklary döredendigini belläp, guramanyň çägindäki hyzmatdaşlygyň dünýäniň alyp barýan ugruny kesgitlemek üçin möhümdigini bellediler. G20-niň liderleri 2030-njy ýyla çenli durnukly ösüş meýilnamasynyň doly we netijeli durmuşa geçirilmeginiň çaltlandyryljakdygyny, munuň üçin ähli çeşmelerden maliýe serişdeleriniň artdyryljakdygyny aýtdylar. Olar ösüp barýan ýurtlaryň gözýetimini geljekki G20-niň gün tertibine has golaýlaşdyrmagy we global karar kabul etmekde bu ýurtlaryň mümkinçiliklerini artdyrmagy wada berdiler.






«Bir Zemin, bir maşgala, bir geljek» şygary bilen geçirilen sammitde Ýakyn Gündogar bilen Günorta Aziýanyň arasynda iň gysga ýoly gurmak baradaky şertnama yglan edildi. ABŞ-nyň Prezidenti Jozef Baýden, Hindistanyň Premýer-ministri Narendra Modi we Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýen tarapyndan Hindistany Ýakyn Gündogar hem-de Ýewropa bilen birleşdirjek demir ýollaryň we portlaryň gurluşygy bilen bagly taslama hödürlendi.

– Bu taryhy waka. Şu günki günde bu Hindistanyň, Pars aýlagy ýurtlarynyň we Ýewropanyň arasynda iň göni aragatnaşyk bolar. Demir ýol aragatnaşygy arkaly Hindistan bilen Ýewropanyň arasyndaky söwda 40% ýokarlanar – diýip, Ursula fon der Lýaýen belledi.

Bu geçelge söwdany işjeňleşdirmäge, energiýa çeşmelerini daşamaga we sanly aragatnaşygy gowulandyrmaga ýardam berer. Jozef Baýdeniň milli howpsuzlyk boýunça geňeşçisi Jeýk Salliwanyň aýtmagyna görä, bu taslama Hindistan, Saud Arabystany, Birleşen Arap Emirlikleri, Iordaniýa, Ysraýyl we Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlary gatnaşar. Bu başlangyç, «Täze ýüpek ýoly» diýlip atlandyrylyp, Hytaýyň «Bir guşak, bir ýol» başlangyjy bilen bäsdeşlik edýär.

1999-njy ýylda döredilen G20 bileleşigi, maliýe we ykdysady meseleler boýunça halkara hyzmatdaşlygynyň esasy forumlaryndan biridir. Oňa 19 ýurt, şeýle hem Ýewropa Bileleşigi we şu maslahatda topara goşulan Afrika Bileleşigi girýär. G20 toparyna agza ýurtlaryň arasynda Argentina, Awstraliýa, Braziliýa, Angliýa, Kanada, Hytaý, Fransiýa, Germaniýa, Hindistan, Indoneziýa, Italiýa, Ýaponiýa, Meksika, Russiýa, Saud Arabystany, Günorta Afrika, Koreýa Respublikasy, Türkiýe we ABŞ bar. Indiki sammit geljek ýylyň noýabr aýynda Braziliýanyň Rio-de-Žaneýro şäherinde geçiriler.

## ILKINJI ZENAN PREZIDENTI BOLAR

**Meksikanyň häkimiýet başyndaky «Morena» partiýasy Mehiko şäheriniň ozalky häkimi, 61 ýaşly Klaudiýa Şeýnbaumy 2024-nji ýylda geçiriljek Prezident saýlawlaryna dalaşgärlige hödürledi. Ol häzirki Prezident Andres Manuel Lopes Obradoryň mirasdüşerini kesgitlän içerki ses berişlikde ýeňiş gazandy. Kanuna görä, häzirki Prezident ýokary wezipede alty ýyl işläninden soň, gaýtadan saýlanmaga hukugy ýok.**

**«Morena» partiýasy Klaudiýa Şeýnbaumyň öz baş bäsdeşinden öňe saýlanandygyny habar berdi, resmi maglumatlara görä, ol sesleriň 39%-ini gazandy. Saýlawlara görä, Şeýnbaumyň döwlet Baştutany bolmak ähtimallygy, takmynan, 60%-e barabar. Öňde duran saýlawlarda Şeýnbaumyň esasy bäsdeşi «Meksika üçin giň front» partiýasyndan dalaşgär, 60 ýaşly zenan Şoçitl Galwes bolar. Ol golaýda bu partiýadan dalaşgär görkezilipdi. Şunlukda, Meksikada taryhda ilkinji gezek döwlet Baştutanynyň wezipesine iki zenan bäsleşer.**



**Saýlawlar 2024-nji ýylda geçer, onda döwlet Baştutany göni ses bermek arkaly gaýtadan saýlanmaga hukugy bolmazdan alty ýyl möhlete saýlanar.**

## HINDISTANYŇ TÄZE KARARY

**Hindistanyň Hökümeti öz ýurduna Bharat adyny täzeden dakmakçy. Bu barada Hindistanyň gündelik neşiri «The Economic Times» ýazýar. Neşiriň habaryna görä, degişli karar 18-nji sentýabrdan 22-nji sentýabr aralygynda parlamentiň ýörite mejlisinde ara alnyp maslahatlaşylar.**

**– Basym bu özgerişlik Konstitusiýanyň 1-nji maddasynda görkezilip bilner – diýip, Hindistanyň Milli Kongresiniň başlygy Jaýram Rameş X sosial ulgamynda ýazdy.**

**Hindistanyň Premýer-ministri Narendra Modi «Uly ýigrimiligiň» (G20) sammitiniň ilkinji mejlisinde öz ýurduny atlandyrmak üçin Hindistanyň ýerine Bharat diýen ýazgyny ulandy. Hindistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, iňlis we hindi dilleri ýurduň resmi dilleridir. Şunuň bilen birlikde, iňlis dilinde döwlete Hindistan, hindi dilinde bolsa Bharat diýilýär. Hindistanyň daşary işler ministri Subramanýam Jaýşankar G20-niň sammitindäki materiallarda ýurdy aňlatmak üçin Bharat sözüniň ulanylmagynyň döwletiň adyny üýtgetmek synanyşygy däldigini aýtdy.**



**– Biziň ýurdumyz müňlerçe ýyl bäri Bharat ady bilen tanalýar. Bu ýurdumyzyň gadymy ady bolup, ol gadymy sanskrit ýazgylarynda hem gabat gelýär – diýip, Hindi parlamentiniň ýokarky palatasynyň wekilleriniň biri aýtdy.**

## 10 milliondan gowrak awtoulag öndürer

«Toyota Motor» awtoulag öndürijisi şu ýyl ilkinji gezek 10 milliondan gowrak awtoulag öndürer. Bu barada Ýaponiýanyň «Nikkei» gazeti habarly çeşmelere salgylanyp habar berdi. Neşiriň maglumatlaryna görä, meýilnamada 10,2 million awtoulag diýlip kesgitlenildi. Olardan 3,4 million awtoulag Ýaponiýanyň öz içinde, 6,8 million awtoulag daşary ýurtlardaky awtoulag kärhanalarynda öndüriler. Şeýlelikde, bu görkezijiler geçen ýyl bilen deňeşdirilende, degişlilikde 30% we 10% ýokarlanar.

Eger-de meýilnama üstünlikli ýerine ýetirilse, «Toyota Motor»-yň ýyllyk öndürýän awtoulag sany ilkinji gezek 10 milliondan geçip biler. Ýylda 9,05 million ulag öndürilen öňki rekord 2019-njy ýyla degişli. 2025-nji ýyla çenli «Toyota Motor» önümçiligi ýylda 11 million awtoulaga ýetirmegi meýilleşdirýär.

Aslynda, 2013-nji ýylda «Toyota» toparyna girýän kompaniýalar arzan bahaly «Daihatsu» brendi we «Hino» awtoulaglary hem-de awtobuslar brendi bilen birlikde 10 million awtoulag öndüripdi.




Kompaniýanyň ykdysadyýeti pandemiýa döwründe pese gaçandan soň, häzirki wagtda işjeňligini barha artdyrýar. Şeýlelikde, 2020-nji ýylda bary-ýogy 7,9 million awtoulag, 2021-nji ýylda bolsa 9,02 million awtoulag öndürildi.

## «Aditya-L1» ilkinji suratlaryny iberdi

Hindi kosmos stansiýasy «Aditya-L1» ilkinji suratlaryny iberdi. Awtomatik kosmos stansiýasy Güni öwrenmek maksady bilen uçuryldy. Ol Ýeriň we Aýyň ilkinji suratlaryny ugratdy, üstesine-de bort kamerasynyň ýardamy bilen öz suratyny hem ýollady. Planetamyzyň suratlary Hindi kosmos barlaglary guramasy (ISRO) tarapyndan sosial ulgamda ýaýradyldy. Gurama bu stansiýanyň L1 Gün-Ýer nokadyna iberilendigini, ýol ugruna bolsa, Ýeri we Aýy surata düşürendigini aýtdy.

Awtomatik kosmos stansiýasy 2-nji sentýabrda uçuryldy. Ol 125 günüň içinde Gün-Ýer ulgamynyň Lagrange nokadynyň (L1 nokady) galo orbitasyna girer diýlip garaşylýar. Şonda stansiýa Ýerden, takmynan, 1,5 million kilometr uzaklykda bolar.



Görkezilen nokatda, stansiýa Ýere we Güne garanda, hereketsiz galar. Bu ýerde Gün tutulma ýok, şonuň üçin hiç hili päsgelçiliksiz ýyldyzlary öwrenmek mümkin bolar. Şeýle hem, stansiýanyň Ýeriň magnit meýdanyndan uzakda ýerleşmeginiň ähmiýeti uly bolup, bu ýagdaý barlag wagtynda oňa päsgelçilik döretmez.

Hindi stansiýasy, Günüň dürli aýratynlyklaryny öwrenmek maksady bilen döredilen birgiden gözleg ulgamy bilen enjamlaşdyrylandyr. Stansiýa magnit meýdanyny ölçär, Günden düşýän bölejikleriň akymyny, Gün aýtymyny we ondan zyňylýan alawlaryň hereketini öwrener. Mundan başga-da, stansiýa Gün fotosferasyny, hromosferasyny öwrenip, Gün şöhleleriniň üýtgemelerini ölçär. «Aditya-L1» taslamasy Hindistan tarapyndan şu ýyl amala aşyrylan ikinji ýokary tehnologiýaly kosmos barlaglary missiýasy boldy.

## ÇUŇ METROLARYŇ BIRI BOLAR

Häzirki wagtda gurluşygy ýokary depginde alnyp barylýan Stokgolm şäheriniň Sofiýa metro bekediniň işleri ýeriň derejesinden 105 metr aşakda dowam edýär. Bu çuňlukda metronyň Sýodermalm adasyndaky «Sofiýa» duralgasynyň işlerine girişildi. Netijede, bu ýerasty ötük dünýäniň iň çuň metrolarynyň biri bolar. 2030-njy ýylda metronyň gurluşygy doly tamamlananda, duralga 100 metr çuňlukda ýerleşer. Galan 5 metr çuňlugy bolsa tehnologik giňişlik eýelär.



2025-nji ýylda metronyň giň şahtasyny açmak meýilleşdirilýär, ol ýerde tiz hereket edýän 8 sany lift oturdylar. Her lift sekuntda 4 metr tizlik bilen 40 ýolagçyny platforma gatnadar. Bir tarapa aralyk 30 sekuntdan sähelçe geçer. Eskalator arkaly şeýle gatnaw 20 esse köp wagty alardy diýlip, habarda bellenilýär.

## IŇ YSSY MÖWSÜM BOLDY

**Howa gözegçilikleriniň bütin taryhynda 2023-nji ýylyň tomsunda adamzat iň yssy möwsümi başdan geçirdi. Bu barada BMG-niň Bütindünýä Meteorologiýa Guramasy habar berdi.**

**«Şu ýyl Ýer togalagynyň ilaty jöwzaly möwsümi – iň yssy tomsy başdan geçirdi» diýip, gurama BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterrişiň sözlerine salgylanýar. Ol dünýäde bilelikdäki tagallalary güýçlendirmegi talap edýän howa çökgünliginiň başlandygyny ýatlatdy.**



**Meteorologiýa guramasynyň maglumatlaryna görä, 2023-nji ýylyň iýul aýyndan soň awgust iň yssy ikinji aý boldy. «Copernicus» gullugynyň berýän habaryna görä, awgust aýynda howanyň temperaturasy, senagat döwründen öňki ortaça howa bilen deňeşdirilende, 1,5 derejeden gowrak ýokarlandy. Umuman aýdanyňda, howa gözegçilikleriniň taryhynda 2023-nji ýyl 2016-njy ýyldan soň ikinji yssy ýyl boldy. Şeýle hem awgust aýynda dünýä ummanlarynyň ortaça temperaturasy 20,98 derejä ýetdi.**

## GÜNDOGAR YKDYSADY FORUMY

10-13-nji sentýabr aralygynda Wladiwostokda Uzak Gündogar federal uniwersitetiniň şäherçesinde VIII Gündogar ykdysady forumy (WEF) geçirildi. Foruma birnäçe ýurduň wekiliýetleri gatnaşdy. Forumyň çärelerine 50-den gowrak daşary ýurtdan 7 müň töweregi adam gatnaşdy.

Forumyň çägindäki 60-dan gowrak çärelere Belarusdan, Wýetnamdan, Hindistandan, Gazagystandan, Hytaýdan, Demirgazyk Koreýadan, Laosdan, Mýanmadan, Singapurdan, Filippinlerden we Mongoliýadan gelen myhmanlar gatnaşdy. Maslahatda dürli derejedäki daşary ýurt wekiliýetleri bilen duşuşyklar geçirilip, hyzmatdaşlygyň möhüm meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.




Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putin 12-nji sentýabrda geçirilen Gündogar ykdysady forumynyň umumy mejlisine gatnaşyp, maslahatyň işine ýokary baha berdi we Uzak Gündogaryň we Arktikanyň ösüşiniň tutuş XXI asyr üçin aýratyn ähmiýete eýedigini belledi.

Uzak Gündogaryň ösüşiniň möhüm meselelerine bagyşlanan çärä gatnaşyjylar forumyň çäklerinde halkara hyzmatdaşlygy, şeýle hem çökgünlikleri ýeňip geçmek baradaky meýilnamalaryny ara alyp maslahatlaşdylar.

Gündogar ykdysady forumy – Russiýa we global maýa goýum jemgyýetleriniň arasynda gatnaşyklary döretmek hem-de berkitmek, Russiýanyň Uzak Gündogarynyň ykdysady mümkinçiliklerine giňişleýin baha bermek, ösüşiň ileri tutulýan ugurlarynda maýa goýum mümkinçiliklerini we iş şertlerini görkezmek üçin möhüm halkara platformasydyr. Bu forum Uzak Gündogaryň ykdysadyýetiniň ösmegine ýardam bermek we Aziýa-Ýuwaş umman sebitinde halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmek maksady bilen 2015-nji ýylyň 19-njy maýynda Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putiniň karary bilen döredildi. VIII Gündogar ykdysady forumynyň by ýylky şygary «Hyzmatdaşlyga, parahatçylyga we abadançylyga tarap» diýlip atlandyryldy. Çäre «Roskongress» gaznasy tarapyndan guraldy.

## Gaz importynda rekordyny täzeledi

Hytaýyň tebigy gaz importy iýul aýynda 14,12 milliard kubmetre ýetip, bu şol aý üçin iň ýokary derejäni täzeledi diýip, «Interfaks» HHR-niň gümrükhanasynyň maglumatlaryna salgylanyp habar berdi.

Bu görkeziji geçen ýylyň iýuly bilen deňeşdirilende, 23% ýokarlandy we 2021-nji ýylyň iýul aýyndaky rekorddan 11,4% ýokarlandy. Şeýlelikde, Hytaý yzly-yzyna dördünji aý importyň iň ýokary görkezijilerini täzeleýär.



Bilermenler bu ýagdaýy pandemiýa sebäpli girizilen çäklendirmeleriň kem-kemden ýatyrylmagy we ykdysadyýetiň dikelmegi bilen baglanyşdyrýarlar. Iýulda Hytaý suwuklandyrylan gazyň 6,2 million tonna golaýyny satyn aldy, bu geçen ýylyň degişli döwründäkiden 30% artykdyr.

Hytaýa turbageçiriji arkaly tebigy gaz, esasan, Russiýadan, Gazagystandan, Türkmenistandan we Mýanmadan eltilýär. 2023-nji ýylda Hytaýyň gaz importy boýunça Ýaponiýadan öňe geçip, dünýäde suwuklandyrylan tebigy gazy iň köp sarp ediji hökmünde öňdebaryjy bolup biljekdigi bellenilýär. Awgust aýynyň ahyrynda Hytaýyň iki aýyň içinde BRIKS ýurtlaryndan 57,86 milliard dollarlyk energiýa serişdelerini satyn alandygy belli boldy.



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# DÜNÝÄNIŇ MEŞHUR OTLULY SYÝAHATLARY

**Bütin dünýäde meşhurlyk gazanan otluly gezelenç syýahatçylyk ulgamynyň gyzykly ugurlarynyň biridir. Demir ýol ulagynda ýurtlaryň, şäherleriň arasynda gezelenç etmek jahankeşdeleriň ünsüni özüne çekýär. Otly bir wagtda ýüzlerçe ýolagçyny daşap bilýän, ekologiýa taýdan arassa ulag serişdesi hasaplanýar. Soňky ýyllarda işlenip düzülen ýokary tizlikli, magnit sürtülmeli otlular ýolagçylara ýokary hilli hyzmatlary, uçardaky ýaly rahatlygy hödürleýär. Ýatda galyjy başdangeçirmeleriň biri bolan otluly syýahat tebigaty synlamak bilen bir hatarda, halklaryň medeniýetini, dünýägaraýşyny öwrenmäge mümkinçilik berýär. Gazetimiziň şu sanynda sizi iň gowy otluly syýahatlar bilen tanyşdyrmagy makul bildik.**



**5 paýtagta gezelenç.** Ýewropanyň iň gadymy şäherlerine otluly aýlanmak iň gowy gezelençleriň biri bolsa gerek. Merkezi Ýewropanyň nusgawy otly ýoly diýlip atlandyrylýan bu ugur Germaniýanyň paýtagty Berlinden başlanýar. Otluly syýahat ýolugra Çehiýanyň ertekini ýada salýan Praga şäheriniň üstünden geçip, Awstriýanyň Wena şäheriniň gözelligini synlamaga mümkinçilik berýär. Indiki duralga daşdan gurlan gadymy ýadygärlikleri bilen tanalýan Slowakiýanyň Bratislawa şäheri bolup, bu ýerde üzüm meýdanlaryny görmek bolýar. Otluly gezelenç Budapeşt şäherinde tamamlanýar. Bu şäher gijesine has-da owadan görünýär. Berlin–Budapeşt arasyndaky otluly syýahat 10 gün dowam edip, 5 paýtagt şäheri synlamaga we gezelenç etmäge mümkinçilik berýär.



**Ýaponiýa iň çalt syýahat.** Dünýäniň iň meşhur otlusy bolan Şinkansen ýokary tizligi bilen tapawutlanýar. Eger-de ýokary tizlikde gezelenç etmegi halaýan bolsaňyz, şu ugry saýlaň! Ösen demir ýol ulgamy bilen tanalýan Ýaponiýada 1964-nji ýylda ilkinji ýokary tizlikli otlular işe girizilýär. Şinkansen demir ýol ugrunyň işe girizilmegi uly ösüşleriň biri bolýar. Bu otlular ýokary tehnologiýaly, kaşaň wagonlary bilen görenleri haýran edýär. Ýokary tizlikli otluly syýahatyň dowamynda Osakanyň, Tokionyň gijeki owadan görnüşini, Kiotonyň özboluşly tebigatyny, Hirosimanyň harabalyklaryny, Fuji daglarynyň tebigy gözelliklerini, Aşi kölüni hem-de Araşiýama bambuk tokaýlygyny ýakyndan synlap bolýar.



**Rimden Italiýanyň demirgazyk şäherine.** «Italo» ýokary tizlikli demir ýol ulgamy myhmanlara bary-ýogy 9 günde gaýtalanmajak syýahaty hödürleýär. Syýahat Rim şäherinden başlanýar. Şäherdäki Kolizeý we Trewi suw çüwdürimlere, taryhy binalara gezelençden soňra, syýahat otlusy Florensiýa tarap ýola düşýär. Ondan soňra otly «Liliýa şäherine», Siena we San-Jiminýano şäherlerine barýar. Bu şäherlerde oba hojalyk işleri bilen ýakyndan tanşyp bolýar. Soňra otluly syýahat Toskanadan Emiliýa-Romanýa tarap ugur alýar. Taryhy şäher Bolonýa görenleri haýrana goýýan Orta asyrlaryň binagärlik gurluşygy bilen myhmanlary garşy alýar. Syýahat moda şäheri Milanda tamamlanýar. Şäheriň içinde ýerli otlular bilen Komo kölüne, şeýle hem demirgazyk şäheriň merjen binalaryna gezelenç edip bolýar.



**Madridden Marrakeşe çenli.** Bu ýuklymara otluly syýahat Ortaýer deňziniň üsti bilen Ýewropadan Afrika geçýär. Ispaniýanyň paýtagtynyň medeniýetini, taryhy ýadygärliklerini öwreneniňizden soňra, Madridden ýola çykmak arkaly syýahat başlanýar. Granada barlanda Ispaniýanyň günortasyndaky medeni miras bilen tanşyp bolýar. Indiki duralga Sewilýa şäheri bolup, bu ýerde ussatlaryň ýerine ýetirýän flamenko tansyny synlap bilersiňiz. Soňra syýahatyň ugry Gibraltar bogazyndan geçip, gysga ýol bilen Afrikanyň derwezesi Tanžer şäherine barýar. Indiki duralgalar Fes şäheri bilen Kasablanka bolup, syýahat köçe naharlary, garyşyk bazarlary we gizlin geçelgeleri bilen tanalýan Marrakeş şäherinde tamamlanýar.



**Garyşyk başdangeçirmeler.** Iki hepdelik otluly syýahat Bangkok şäherinden başlanýar. Bu ýerden soňra, otly Phitsanulok şäherine gelýär. Sukotai milli seýilgähiniň arheologik ýadygärlikleri bilen tanyşlykdan soňra, syýahat otlusy Çiangmaýa tarap ýola düşýär. Pillere münüp, bambuk gaýalaryna gezelençleri hödürleýän bu şäherde köçe naharlaryny dadyp, taý aşhanasynyň däpleri bilen tanşyp bolýar. Syýahat Mekong derýasynda gaýykly gezelenç bilen dowam edip, Laosa ýetýär. Laosda ýerli obalaryň medeniýeti bilen tanyşlykdan soňra, otly Wang Wieng şäherine tarap ýola düşýär. Şäheriň Nam Song derýasyndaky kanoe başdangeçirmelerinden soňra, gijeki otluda ýene-de Bangkoga gaýdyp gelinýär. Tailand-Laos gezelenji çylşyrymly bolup, syýahatyň esasy bölegi otluly, käbir aralykda gämili gezelençler guralýar.

# Uzak ýaşamagyň syry

**Tehnologiýa enjamlarynyň ösmegi, ulag serişdeleriniň köpelmegi ekologiýanyň hapalanmagyna getirip, adamyň ömrüniň dowamlylygyna täsirini ýetirýär. Geçirilen barlaglarda adadyr tokaý sebitlerinde ýaşaýanlaryň has uzak ýaşaýandyklary ýüze çykaryldy. Bilermenler munuň sebäplerini derňäp, uzak ýaşamak üçin ekologiýanyň arassa bolmagy bilen bir hatarda, sagdyn durmuş ýörelgesini yzygiderli ýöretmegiň möhümdigini belleýärler.**



**Tebigy hereket.** Uzak ýaşamagyň ilkinji ädimi tebigy hereketden başlanýar. Pyýada ýöremek, bag ekmek, öý jandarlaryny idetmek, maşk etmek we sport zallarynda türgenleşmek saglyk üçin peýdaly bolup, özüňi has ýeňil duýmaga kömek edýär. Bilermenleriň bellemegine görä, günortanlyk we agşamlyk naharyndan soň, pyýada gezelenç etmek möhüm şertleriň biri bolup durýar.

**Gün tertibini düzmek.** Özüňize görä gün tertibini düzüp, şoňa görä hereket etmek, uzak ýaşamagyň möhüm şertleriniň biridir. Maksatsyz ýa-da garyşyk durmuş ýörelgeleri adamy çalt ýadadýar, höwesini gaçyrýar. Şol sebäpli maksat tutup, ilki bilen gün tertibiniň we işleriň meýilnamasyny düzmeli. Gerek bolan halatynda kagyza bellik etmeli. Durmuşda wagtyň gadryny bilip, tygşytly ulanmagy endik etmeli.

**Özüňe erk etmek.** Durmuşda duş gelýän ýagdaýlara we kynçylyklara sabyrly hem-de sowukganly çemeleşmek adam saglygy üçin ähmiýetlidir. Stres, aladaly ýagdaýlar nerw öýjükleriniň zeperlenmegine getirip, adamyň aňyny bulaşdyrýar, şeýle hem durmuşa bolan garaýşyna täsir edýär. Bilermenler dartgynly ýagdaýlarda maşk etmegi, meditasiýa sapaklaryny almagy maslahat berýärler.

**Kadaly iýmitlenmek.** Aşa köp iýmek, gereginden artyk naharlanmak bedeniň öz-özüne agram salmagyna getirýär. Semizlik we bedende artykmaç ýagyň toplanmagy işjeňligiň peselmegine getirýär. Irden we günortan kadaly iýmitlenip, agşamyna «kiçi naharlar» bilen iýmitlenmeli. Iýmit sanawynda ösümlik esasly ýaglaryň, süýt we gök önümleriň bolmagy hökmany şertleriň biridir.

**Jemgyýetçilik gatnaşygy.** Bagtly gatnaşyklar uzak ýaşamagy üpjün edýär. Geçirilen barlaglarda uzak ýaşaýanlaryň maşgala we jemgyýetçilik arabaglanyşygyny saklaýandyklary ýüze çykaryldy. Olar geçirilýän baýramçylyklara, çärelere maşgala agzalary, dost-ýarlary bilen bilelikde gatnaşypdyrlar. Bu adamlaryň ynamyny artdyryp, özlerini bagtly we rahat duýmagyny üpjün edýär. Şeýle hem olar uzak ýaşamakda köp zadyň ýanýoldaşyňa baglydygyny belleýärler. Maşgala gatnaşyklary näçe mäkäm bolsa, ýaş nesilleriň arasyndaky gatnaşyklar şonça-da berk bolýar.

# IŇ KÖP DIL BILÝÄN ADAM

**Bir adam näçe dili öwrenip biler? Bir adam näçe dilde geplemegi başarar?**

**Bu soraglar hemmeler üçin gyzykly bolsa gerek. Dünýäniň iň köp dil bilýän adamy Ziad Fazah bolup, ol jemi 59 dilde gepläp bilýär. Geçirilen synaglarda onuň 59 dildäki raýatlar bilen düşünişip we aragatnaşyk saklap biljekdigi ýüze çykaryldy. Bellenilişine görä, Fazahyň häzirki wagtda dünýäniň iň uly ýaşly poliglotydygy (köp dil bilýän) aýdylýar.**



**Fazah 1954-nji ýylda Liberiýada dogulýar. Liwanda ermeni dilini öwrenenden soň, köp dil öwrenmek kararyna gelýär. Ol 1998-nji ýylda 58 dilde gepläp we okap bilýändigi üçin Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna iň köp dil bilýän adam hökmünde hasaba alynýar. Fazah häzirki wagtda Braziliýada ýaşaýar.**

**Ýer ýüzünde 7 müňden gowrak dil bolup, olar ene dili, resmi diller, halkara diller ýaly toparlara bölünýär. Taryhy maglumatlara görä, IX asyrda ýaşap geçen Al Farabynyň 70 dili suwara bilendigi aýdylýar.**

## ÇAGALAR

✓ Mikroblar çygly deride has aňsat ýaýraýar. Şol sebäpli eliňizi ýuwanyňyzdan soňra guratmagy hökman endik etmeli.

# ELIŇIZI ÝUWMAGY ENDIK EDINIŇ!



**Bakteriýalardan goranmagyň iň gowy usuly eliňizi wagtly-wagtynda ýuwmakdyr. Elleri ýuwmak dişiňizi arassalamak ýa-da saçyňyza timar bermek ýaly möhüm endikleriň biridir. Gündelik durmuşda amallary ýa-da öý ýumuşlaryny, esasan, elimiz bilen ýerine ýetirýäris. Salamlaşýarys, hat ýazýarys, nahar iýýäris, öý jandarlaryny sypalaýarys, baglara timar berýäris... Eýsem, elimizi wagtly-wagtynda arassalamaga üns berýärismi?!**

Mikroblar örän kiçi bolansoň, olary gözümiz bilen görüp bilmeýäris. Mikroblaryň aglaba bölegi elimizde saklanyp, olary ýuwutmak dürli keselleriň döremegine getirýär. Şahsy arassaçylygy berjaý etmek üçin elimizi dogry ýuwmaly.



- **Ilki bilen eliňizi ölläň.**
- **Soňra köpürjikleýänçä eliňize sabyn çalyň.**
- **Köpürjigi eliň ähli ýerine – aýasyna, arkasyna, barmaklaryň arasyna, dyrnaklaryň aşagyna azyndan 20 sekuntlap sürtmeli.**
- **Soňra akar suwuň aşagynda mazaly ýuwmaly.**
- **Eliňizi ýuwanyňyzdan soň bada-bat guratmagy ýatdan çykarmaň.**

### NÄÇE WAGTDAN ÝUWMALY?

Eliňizi günüň dowamynda ýygy-ýygydan ýuwmaly. Esasan hem, eliňize hapa ýokanda, nahardan öň we soň, hajathanadan çykylandan soň, öý jandarlaryny elläniňizden soň, jemgyýetçilik ulaglaryndan düşeniňizden soň hem-de üsgürilenden ýa-da asgyrylandan soň eliňizi hökmany ýagdaýda ýuwmaly.

### SORAGLAR WE MASLAHATLAR

**Gyzgyn suwmy ýa-da sowuk suw?**

Sowuk ýa-da gyzgyn suw mikroblary aýyrmakda deň derejede täsir edýär. Gyzgyn suwuň mikroblary aýyrýandygy baradaky pikir ýalňyşdyr. Mikroblary aýyrmak üçin esasan sabyn ulanmaly.

**Eli guratmak möhümmi?**

Mikroblar çygly deride aňsat ýaýraýar. Şol sebäpli eliňizi ýuwanyňyzdan soňra guratmagy hökman endik etmeli. Munuň üçin kagyz süpürgiçleri, elýaglygy ýa-da mata süpürgiçleri ulanyp bilersiňiz.

**Sabynmy ýa-da zyýansyzlandyryjy serişdeler?**

Eli sabyn bilen ýuwmak iň amatlysy hem-de ýaramlysy hasaplanýar. Zyýansyzlandyryjy serişdeler dogry ulanylanda, ýaramly hem-de howpsuz hasaplanýar. Gündelik durmuşda eli arassalamak üçin, esasan, sabyn ulanmaly. Zyýansyzlandyryjy serişdeleri ululary gözegçiligi astynda peýdalanmak maslahat berilýär.

**Eliňizi ýuwanyňyzda suwy tygşytly ulanmagy unutmaň!**

# ÝELPEWAJA MEŇZEŞ AGAÇ



Afrikanyň günorta-gündogar kenaryndaky Madagaskar ösümlik we haýwanat dünýäsiniň özboluşlylygy bilen tapawutlanýar. Madagaskar Grenlandiýadan, Täze Gwineýadan we Borneodan soň, dünýäde dördünji uly ada hasaplanýar. Afrika yklymyndan, takmynan, 400 kilometr uzaklykda ýerleşýän bu adada gyzyl lemura, alabeder lemura, tomato gurbagasyna, Aý kebelegine, tropik badam agajyna, Aziýa şalysyna, areka palmalaryna, altyn surnaý gülüne duş gelmek bolýar. Madagaskarda ösýän täsin ösümlikleriň hatarynda «syýahatçynyň palmasy» (ravenala) ady bilen tanalýan agajy hem görkezmek bolar.



Madagaskaryň endemik ösümligi bolan syýahatçynyň palmasy ýelpewaja meňzeş ýapraklary bilen owadan görnüşi emele getirýär. Bu tropik ösümlige yssy howa ýaramly bolup, 30 metre çenli ösüp bilýär. Agajyň ýapraklary merkezi baldakdan 45 dereje aralykda ýerleşýär. Ýapraklar agaçdan göni çykyp, 4 metre çenli ösüp bilýär. Syýahatçynyň palmasynyň geň tarapy ýapraklarynyň gündogar-günbatar tarapy görkezmegidir. Ýagny ýapraklaryň ýarysy gündogara, ýarysy bolsa günbatara tarap ösýär. Irki döwürlerde agajyň kompos hökmünde ulanylandygy baradaky maglumatlar bar. Häzirki wagtda hem Madagaskaryň ýaşaýjylary ugry kesgitlemek üçin bu agaçdan peýdalanýarlar. Agajyň gök öwüşginli gülleri ýapraklarynyň aralygynda ýerleşip, ys bölüp çykarmaýar. Agajyň süýji gülleri lemurlaryň esasy iýmiti bolup, bu jandarlar gülüň şiresini iýmek üçin daşyndaky gaty gabygy açýarlar. Agajyň tozanlandyrma işini lemurlar we uly mör-möjekler amala aşyrýar. Syýahatçynyň palmasy tohumyndan ýa-da düýbünden kök urmak arkaly köpelýär.



Syýahatçynyň palmasy çalt ösýändigi hem-de owadan görnüşi bilen köpçüligiň ünsüni özüne çekýär. Agajyň baldagynda köp mukdarda suw saklanýar. Şol sebäpli gurak howa şertlerinde suwsuzlygyň öňüni almak üçin agaçdan peýdalanyp bolýar. Dünýäniň uly botanika baglarynda bu agajyň ösüp oturan meýdanlaryny görmek bolýar. Syýahatçynyň palmasy käbir şäherlerde bezeg ösümligi hökmünde ekilýär.

## Zehin synagy

◢ Humaý 2 depder, 1 ruçka üçin 90 teňňe töledi. Eger ol 2 ruçka 1 depder alan bolsa, 1 manat 20 teňňe tölemeli bolardy. Ruçkanyň we depderiň bahasyny tapyň?

Jogaby: 3 depder we 3 ruçka 0,6 + 1,5 = 2,1 manat.
Onda 1 depder we 1 ruçka 2,1:3 = 0,7 manat bolar.
1 depder 0,9 – 0,7= 0,2 manat (20 teňňe),
1 ruçka 1,2 – 0,7 = 0,5 manat (50 teňňe) bolar.

◢ 7 dost birwagtda duşuşýar we hersi bir-biri bilen elleşip salamlaşýar. Jemi näçe gezek elleşilýär?

Jogaby: 21.

◢ Sanlaryň arasynda haýsy belgileri (ýaý, goşmak, aýyrmak, köpeltmek, bölmek) goýup, dogry netijäni çykaryp bolar?

8 8 8 8=10
8 8 8 8=15
8 8 8 8=56
8 8 8 8=65
8 8 8 8=80
8 8 8 8=120
8 8 8 8=192
8 8 8 8=520

Jogaby:
(8+8)-(8+8)=10
8+8-(8:8)=15
8-(8:8)*8=56
(8*8)+(8:8)=65
8*8+8+8=80
(8+8)*8)-8=120
(8+8+8)*8=192
(8*8*8)+8=520

7 tapawudy tapyň!



Sanlary birleşdiriň!



Labirint



Şekili reňkläň!



Gyzykly pursat



# 80-nji Wenesiýa film festiwaly tamamlandy

Dünýäniň iň gadymy film festiwaly bolan Wenesiýa kino şüweleňi tamamlandy. 80-nji gezek geçirilen festiwalda baş baýraga — «Altyn ýolbars» baýragyna gresiýaly režissýor Ýorgos Lantimosyň «Görgüli betbagtlar» (Poor Things) kinosy laýyk görüldi. Damien Şazelliň ýolbaşçylygyndaky eminler topary 24 filmiň arasyndan bu ekran eserini saýlady. Eýýämden Oskar baýraklary üçinem ady agzalýan bu özboluşly gara komediýa fantastik görnüşli filmde Emma Stoun baş keşbi, şol sanda Mark Ruffalo, Willem Defo, Margaret Kualli, Remi Ýussef dagy beýleki keşpleri ýerine ýetirýär. Režissýor Lantimos 2018-nji ýylda «Söýgüli» (The Favorite) filmi bilen «Kümüş ýolbars» eminleriň ýörite baýragyny hem alypdy.

Ýaponiýaly režissýor Rýusuke Hamaguçi «Ýamanlyk diýen zat ýok» (Aku Wa Sonzai Shinai) filmi üçin festiwalyň 2-nji iň uly baýragy – Eminleriň «Gran Pri» baýragy bilen sylaglandy. Iň gowy režissýor «Kümüş ýolbars» baýragyna «Men kapitan» (Io capitano) filmi üçin italiýaly režissýor Matteo Garrone laýyk görüldi. Eminleriň ýörite baýragy «Ýaşyl araçäk» (Zielona Granica) filminiň režissýory, polşaly Agnieşka Hollanda berildi. «Graf» (El Conde) filminiň ssenariçileri – şol bir wagtyň özünde filmiň režissýory Pablo Larrain bilen Gillermo Kalderona iň gowy ssenariý baýragy gowşuryldy.

Iň gowy aktýor hem-de aktrisa baýraklaryna, degişlilikde Piter Sarsgaard («Ýatlama», Memory) bilen Keýli Speini («Prissilla», Priscilla) mynasyp boldy. «Men kapitan» filminiň ýaş aktýory Seýdu Sarr bolsa Marçello Mastroianni adyndaky baýraga laýyk görüldi.

Italiýaly režissýor hem-de ssenariçi Liliana Kawani bilen gonkongly meşhur aktýor Toni Lýun Çu Waý «Ömürboýy başarnyk» baýragy bilen sylaglandy.


Piter Sarsgaard
Seýdu Sarr bilen Matteo Garrone
Ýorgos Lantimos
Rýusuke Hamaguçi
Keýli Speini

**80-nji WENESIÝA FILM FESTIWALYNYŇ ÝEŇIJILERI:**

**«Altyn ýolbars» baýragy:** «Görgüli betbagtlar» (Poor Things) — Ýorgos Lantimos
**Eminleriň «Gran Pri» baýragy:** «Ýamanlyk diýen zat ýok» (Aku Wa Sonzai Shinai) — Rýusuke Hamaguçi
**Iň gowy režissýor «Kümüş ýolbars» baýragy:** Matteo Garrone — «Men kapitan» (Io capitano)
**Eminleriň ýörite baýragy:** «Ýaşyl araçäk» (Zielona Granica) — Agnieşka Holland
**Iň gowy ssenariý baýragy:** «Graf» (El Conde) — Pablo Larrain bilen Gillermo Kalderon
**«Volpi» kubogy – iň gowy aktýor baýragy:** Piter Sarsgaard — «Ýatlama» (Memory)
**«Volpi» kubogy – iň gowy aktrisa baýragy:** Keýli Speini — «Prissilla» (Priscilla)
**Marçello Mastroianni adyndaky baýrak:** Seýdu Sarr — «Men kapitan» (Io capitano)

# Teýlor Swift 9 baýrak gazandy

Aýdym-saz äleminiň abraýly baýraklaryndan «MTV Music Video» aýdym-saz baýraklarynyň ýeňijileri Nýu Jerside geçirilen dabarada mälim edildi. Belli aýdymçy Niki Minažyň alyp baran dabarasynda meşhur aýdymçy Teýlor Swift baýrak baryny çöpledi. 11 ugurdan dalaşgär görkezilen Swift


Teýlor Swift

şolaryň 9-synda ýeňiş gazandy. Onuň «Anti-Hero» atly aýdymy ýylyň wideosy, ýylyň aýdymy, iň gowy pop, şol sanda, iň gowy wizual effektler, iň gowy režissýor, iň gowy operator diýen ugurlarda «MTV Music Video» baýragyna laýyk görüldi. Baýragyň taryhynda ilkinji gezek ýylyň sungat işgäri baýragyna dalaşgär görkezilenleriň ählisi zenan aýdymçylar bolup, Beýonse, Doja Cat, Karol G, Niki Minaž, Şakira dagydan öňe saýlanan Teýlor Swift baýragy gazanmagy başardy. Ýylyň iň gowy tomusky şou baýragyna-da mynasyp bolan Swiftiň «Midnight» atly albomy ýylyň albomy baýragyna-da laýyk görüldi.

Ýylyň täze sungat işgäri diýlen ugurda baýrak Ice Spice ady bilen belli bolan ýaş zenan aýdymça gowşuryldy. Şeýle-de, iň gowy hip-hop baýragyna «Super Freaky Girl» aýdymy üçin Niki Minaž, iň gowy R&B baýragyna «Shirt» aýdymy bilen SZA, iň gowy K-pop sylagyna-da «Stray Kids» topary laýyk görüldi.

Anitta «Funk Rave» aýdymy bilen iň gowy latyn, «Maneskin» topary «The Loneliest» aýdymy üçinem iň gowy rok baýraklary bilen sylaglandy.

1984-nji ýyldan bäri gowşurylyp gelinýän «MTV Music Video» baýraklarynda Lana Del Reýiň «Candy Necklace» aýdymy iň gowy alternatiw, Rema bilen Selena Gomesiň bilelikdäki «Calm Down» aýdymy iň gowy «afrobeats», ýaş aýdymçy Dow Kameronyň «Breakfast» aýdymy-da «Video for Good» baýraklaryna laýyk görüldi. Ýylyň iň gowy topary diýlip, koreýleriň meşhur aýdym-saz topary «Blackpink»


Şakira

saýlandy. Maýkl Jeksonyň adyny göterýän ýörite baýraga kolumbiýaly belli aýdymçy Şakira mynasyp boldy. «Global Ikon» baýragy-da Diddy ady bilen meşhurlyga eýe bolan Şon Law Kombsa berildi.

Ýyldyz aýdymçylaryň gatnaşan dabarasynda Sabrina Karpenter, Oliwiýa Rodrigo, Cardi B, Demi Lowato, Anitta, Doja Cat, Niki Minaž, Şakira, Karol G, «Stray Kids», «Tomorrow X Together», Kelsi Ballerini, Diddy, Megan Thee Stallion, Lil Weýn ýaly aýdymçydyr toparlar özleriniň iň gowy aýdymlary bilen çykyş edip, ýygnananlaryň göwünlerini galkyndyrdy.

# Täze film



**Ady:** «Sazlaýjy □ 3» (The Equalizer 3); **Režissýory:** Antuan Fukua; **Keşplerde:** Denzel Waşington, Dakota Fanning, Dewid Denman, Sonia Ammar, Remo Žiron; **Ssenariçi:** Riçard Wenk; **Prodýuseri:** Todd Bläk, Jeýson Blumental, Denzel Waşington, Antuan Fukua; **Kompozitory:** Marselo Zarwos; **Öndüriji:** «Columbia Pictures», «Eagle Pictures», «Escape Artists», «Zhiv Productions»; **Paýlaýjy:** «Sony Pictures Releasing»; **Dowamlylygy:** 109 minut; **Görnüşi:** uruşly, triller; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 70 million $.

Belli režissýor Antuan Fukua bilen oskarly meşhur aktýor Denzel Waşingtonyň bilelikdäki 5-nji kinosy «Sazlaýjy □ 3» diýlip atlandyrylýar. Iki ussat şowly çykan «Sazlaýjy» filmleriniň 1-2-nji bölümlerinden soň 3-nji gezek jemlendiler. 70 million dollar býujetli filmde baş keşbi janlandyrýan Waşingtona meşhur aktrisa Dakota Fanning, şol sanda Dewid Denman, Sonia Ammar, Remo Žiron dagy ýoldaşlyk edýär. Riçard Wenk tarapyndan ssenarisi ýazylan film 2 hepdede 110 million dollara golaý girdeji gazandy. Filmde Robert MakKoll bu gezek Italiýada käbir bitertip işleri sazlaýar. Ol şol ýerdäki dostlaryny bikanun hereket edýänlerden halas etmek üçin bilini berk guşamaly bolýar. Film Italiýanyň Amalifitan kenarynda, şol sanda Neapol şäherinde ekranlaşdyryldy.

Ilkinjisi 2014-nji ýylda, 2-njisi 2018-nji ýylda ekranlara çykan filme kino muşdaklary ýokary baha beripdi. 1-njisi 192 million, 2-njisi 190 million dollarlyk gazanç eden filmiň 3-njisiniň hem şol mukdarda kassa ýygymyny toplamagyna garaşylýar.





● **DIKLIGINE:** **1.** Şygyr ölçeginiň ady. **2.** Birine degmek üçin aýdylýan degişme, ýomak. **3.** Elementleriň kislorodly birleşmesi. **5.** Has ýagty meteorlaryň atlandyrylyşy. **6.** Gadymy grek şahyry. **7.** Hemişekisi ýaly bolup duran, öwrenişilen. **8.** Milli häsiýetli gahrymançylykly dessan. **11.** Saz guralynyň bir görnüşi. **12.** Düýäniň bir görnüşi. **13.** Düýä ýük urmak üçin salynýan ýörite ýasalan hataply enjam. **17.** Könelen, çagşan. **21.** Meşhur iňlis ýazyjysy ... Şou. **22.** Demir ussahanasynda suw guýlup goýulýan gap. **23.** Tussag saklanylýan jaý. **24.** Gyz ady. **25.**Tam suwalanda laýy endigan ýazmak üçin ulanylýan gural. **27.** El degirmeniniň däne guýulýan deşiginiň içinde ýerleşýän kese agaç. **28.** Gylýallar maşgalasyndan bolan ýabany jandar. **32.** Gara-goňur reňkli, uzyn murtly, göni ganatly mör-möjek. **33.** Güýçsüz, başarnyksyz. **34.** Pygamberleriň biri. **36.** Adamyň ýüzüne düşýän tegmil, menek. **39.** Ýurdumyzda çap edilýän gazet. **40.** Dünýäde iň uly şaglawuk. **42.** Kir ýuwulýan ýa-da hojalykda ulanylýan ýuka metal gap. **43.** Ertekilerde duş gelýän ýylanlaryň şasy. **44.** Gündogar şahyry Nyzamynyň bir eseri. **46.** Gadymy kirişli saz guraly. **49.** Gapynyň bosagalaryny birikdirýän iki dik agaç.

● **KESELIGINE:** **4.** Uly ýap. **9.** Bir ok atýan tüpeň. **10.** Ata Gowşudowyň bir powesti. **11.** Çeşme suwy we onuň akýan akary. **13.** «Agaç kümmez agzy ýok» (matal). **14.** Edep-terbiýe, özüňi alyp baryş kadalary hakyndaky filosofik taglymat. **15.** Iri göwreli. **16.** Käriz guýularynyň suwunyň akyp geçýän ýoly. **18.** Syýasy partiýanyň uly abraýdan peýdalanýan täsirli ýolbaşçysy. **19.** Kompýuter programmasy. **20.** Baglaýjy kömekçi. **26.** Zagara balyklar maşgalasyndan bolan ýasy bedenli balyk. **28.** Reňk. **29.** «... dilber bir dilegim bar saňa» (Mätäji). **30.** Derwüş. **31.** XIX asyrda ýaşap geçen türkmen şahyry. **32.** Döwlen bugdaýyň, arpanyň owranan sypaly. **34.** Şahly, gäwüşeýän uly jandar. **35.** Üflenip çalynýan saz guraly. **37.** Ekranda görkezilýän film. **38.** Görnüş, şekil. **41.** Kelesaň, kemakyl. **45.** Ekin ekmek üçin ýer, atyz. **47.** Deriden eýlenip bejerilýän gap. **48.** Türkiýede bir şäher. **49.** Güýçli ýagan ýagyş sebäpli emele gelýän suw akymy. **50.** Ýeliň ygyna ýygnanan ownuk saman. **51.** Alada, ünji. **52.** Türkmen halk sazy. **53.** Aşyk oýnunda oýnalýan gurşun guýlan saldamly aşyk.

## 42-nji KROSSWORD

*Aýsere TAGANDURDYÝEWA, S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

41-nji krosswordyň jogaby:



26-njy skanwordyň jogaby:



27-nji skanwordyň jogaby:






● **DIKLIGINE:** **1.** Torgaýdan ulurak, boz reňkli, saýraýan meýdan guşy. **2.** Merkezi Amerikada bir döwlet. **3.** Sähelçe wagt ozal. **4.** Gadymy grek alymy. **5.** Gelin alnanda, gelni atasy öýünden mündürip alyp gaýtmak üçin niýetlenen gelnalyjy. **6.** «Çöl beýewany, gezer obany, Alty injigi bar, iki dabany» (matal). **8.** «Ajal gaýyp, didar gaýyp, ... gaýyp» (atalar sözi). **9.** Ýap gazylanda iki tarapa oklanyp çykarylýan gum. **11.** Kädi (köne söz). **12.** Ýurdumyzda bir welaýat. **17.** Güýç taýdan gowşak, pes. **18.** Günorta tarapy aňladýan söz. **22.** Manysy boýunça başga söze gapma-garşylykly bolan söz. **24.** Eýjejik, owadanja. **25.** Edaranyň köne resminamalary saklanýan bölümi. **27.** Ir-.... **31.** Hormat-sylag, şan-şöhrat. **33.** Himiki element. **35.** Sport enjamy. **36.** Angliýanyň futbol topary. **37.** Bal şiresini toplaýan möjejik. **38.** Öý, adam bilen öwrenişmedik, meýdanda erkin ýaşap ýören. **39.** ...-haşam. **41.** Ýaponiýanyň merkezi şäheri. **42.** Tertipli, düzgünli, kada-kanuna dogry gelýän. **43.** Hakynda, dogrusynda. **45.** Meşhur hindi kinosy. **47.** «Bal süýji, baldan-da ... süýji» (atalar sözi).

● **KESELIGINE:** **7.** Gyňaja we ş.m. salynýan gyra nagşyň ady. **10.** Türkiýeli meşhur futbolçy ... Korkmaz. **13.** Russiýaly gimnastikaçy ... Werina. **14.** Müňkürlik, güman. **15.** «Suw köp ýatsa ...» (nakyl). **16.**Kyssa görnüşli çaklaňrak çeper eser. **18.** Bezeg güli. **19.** Ar-.... **20.** Sözüň aýdylyş äheňi. **21.** Ösümlikleriň külünden gaýnadylyp alynýan zorly, iýiji suwuklyk. **23.** Çagalara ideg, gözegçilik etmek bilen meşgullanýan gelin-gyz. **26.** Ygtybarly. **28.** Çaga, zürýat. **29.**«Bahyla ugramaň, güler ýüz bermäň, Möhüm bitirmäge ... ýagşy» (Magtymguly). **30.** Türkmen hanlarynyň biri. **32.** Sport bäsleşikleriniň geçirilýän ýeri. **34.** Tertip san. **38.** Milli tagam. **40.** Agyl. **44.**«Buz üstünde tozan ...» (nakyl). **46.** Suwaryş ulgamlary üçin gazylýan uly, giň ýap. **48.** Türkmen itiniň ady. **49.** Galmagal turuzýan, şermende. **50.** «... ýatyr keýniňde, okun-ýaýyn gezenip» (Magtymguly). **51.** Gijilewükli ýara. **52.**Geňeş, maslahat. **53.** Gymyldap duran, yrga. **54.**Senenama.



Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.



## Hepdäniň esasy duşuşyklary

*15-nji sentýabr:*

**Bawariýa – Baýer (23:30)**
**PSŽ – Nissa (00:00)**

*16-njy sentýabr:*

Wulwerhempton –Liwerpul (16:30)
**Ýuwentus – Lasio (18:00)**
Fraýburg – Borussiýa D (18:30)
Wolfsburg – Union Berlin (18:30)
**Inter – Milan (21:00)**
**West Ham – Man. Siti (19:00)**
**Real Madrid – R. Sosiedad (19:15)**
Jenoa – Napoli (23:45)
Barselona – Betis (00:00)

*17-nji sentýabr:*

Loriýan – Monako (16:00)
Twente – Aýaks (17:30)
Bornmut – Çelsi (18:00)
Ewerton – Arsenal (20:30)
**Trabzonspor – Beşiktaş (22:00)**
Roma – Empoli (23:45)
**Walensiýa – Atletiko M (00:00)**

## Türkmen klublarynyň AFK-daky duşuşyklary

**Aziýanyň klub ýaryşlarynyň täze möwsümine geljek hepdäniň ilkinji güni badalga berler. Yklymyň iň uly ýaryşynda ýurdumyzyň adyndan «Ahal», şeýle-de AFK Kubogynda «Altyn asyr» hem-de «Merw» klublary wekilçilik ederler. Toparlarymyzyň 3-si hem toparçada 6 duşuşyk geçirer.**



**«Ahal» topary «A» toparçada Saud Arabystanynyň «Al-Faýha», Özbegistanyň «Pahtakor», BAE-niň «Al-Ain» klublary bilen duşuşar. Ildeşlerimiziň ilkinji duşuşygy öz meýdançasynda «Al-Faýha» topary bilen bolar. «Aşgabat »stadionynda geçiriljek oýun 19-njy sentýabrda 21:00-da başlar.**

**AFK Kubogyndaky wekillerimiz bolsa ilkinji duşuşyklaryny myhmançylykda geçirerler. «Altyn asyr» topary Gyrgyzystanda «Abdyş-Ata» topary bilen duşuşsa, ilkinji gezek gatnaşýan «Merw» Täjigistanda «Rawşan Kulob» topary bilen güýç synanyşar. Duşuşyklaryň ikisi hem 21-nji sentýabrda penşenbe güni oýnalar.**

**AFK ÇEMPIONLAR LIGASYNDA «A» TOPARÇANYŇ DUŞUŞYKLARY:**
**19-njy sentýabr: «Ahal»—«Al-Faýha» (S. Arabystany), «Pahtakor» (Özbegistan)—«Al-Ain» (BAE)**
**3-nji oktýabr: «Al-Ain» (BAE)—«Ahal», «Al-Faýha» (S. Arabystany)—«Pahtakor» (Özbegistan)**
**24-nji oktýabr: «Pahtakor» (Özbegistan)—«Ahal», «Al-Ain» (BAE)—«Al-Faýha» (S. Arabystany)**
**7-nji noýabr: «Ahal»—«Pahtakor» (Özbegistan), «Al-Faýha» (S. Arabystany)—«Al-Ain» (BAE)**
**28-nji noýabr: «Al-Faýha» (S. Arabystany)—«Ahal», «Al-Ain» (BAE)—«Pahtakor» (Özbegistan)**
**11-nji dekabr: «Ahal»—«Al-Ain» (BAE), «Pahtakor» (Özbegistan)—«Al-Faýha» (S. Arabystany)**

**AFK KUBOGYNDA «E» TOPARÇANYŇ DUŞUŞYKLARY:**
**21-nji sentýabr: «Rawşan Kulob» (Täjigistan)—«Merw», «Abdyş-Ata» (Gyrgyzystan)—«Altyn asyr»**
**5-nji oktýabr: «Altyn asyr»—«Rawşan Kulob» (Täjigistan), «Merw»—«Abdyş-Ata» (Gyrgyzystan)**
**26-njy oktýabr: «Merw»—«Altyn asyr», «Rawşan Kulob» (Täjigistan)—«Abdyş-Ata» (Gyrgyzystan)**
**9-njy noýabr: «Altyn asyr»—«Merw», «Abdyş-Ata» (Gyrgyzystan)—«Rawşan Kulob» (Täjigistan)**
**30-njy noýabr: «Merw»—«Rawşan Kulob» (Täjigistan), «Altyn asyr»—«Abdyş-Ata» (Gyrgyzystan)**
**14-nji dekabr: «Abdyş-Ata» (Gyrgyzystan)—«Merw», «Rawşan Kulob» (Täjigistan)—«Altyn asyr»**

## TARYHYNDAKY ILKINJI ÇEMPIONLYGY

Basketbol boýunça 19-njy Dünýä Kubogynda garaşylmadyk, täze çempion ýüze çykdy. Uzak Gündogar Aziýa ýurtlarynda — esasy duşuşyklary Filippinlerde, toparçalardaky käbir oýunlary Indoneziýadyr Ýaponiýada geçirilen çempionatda Germaniýanyň ýygyndysy ilkinji gezek çempion diýen ady eýeledi.

Filippinleriň Pasaý şäherindäki «Mall of Asia Arena» desgasynda oýnalan finalda Germaniýanyň ýygyndysy Serbiýanyň ýygyndysy bilen duşuşdy. 12 müň 22 janköýeriň şaýatlygynda geçen finalyň 1-nji çärýeginde serbler 26:23 öňe saýlandy. 2-nji çärýekde hasap deňlenip, toparlar 47:47 hasabynda deňlikde uly arakesmä çykdylar. 3-nji çärýekde nemesler 22:10 öňe saýlanyp, 4-nji çärýekde 20:14 serbler üstün çykyş etselerem, netijede Germaniýanyň ýygyndysy 83:77 hasabynda ýeňiş gazandy. Bu olaryň ilkinji çempionlygy bolup, Germaniýanyň ýygyndysy mundan öň diňe 2002-nji ýylda bürünç medaly eýeläpdi.

Duşuşykda 28 utuk geçiren Germaniýanyň NBA-daky ýyldyzy Denis Şröder toparynyň ýeňşine uly goşant goşdy. Ol çempionatyň iň ökde oýunçysy diýlip saýlandy. Awstraliýaly Joş Giddi ösüp barýan ýyldyz baýragy bilen sylaglandy. Jemi 216, ortaça 27 utuk geçiren sloweniýaly Luka Dončiç çempionatyň iň netijeli basketbolçysy boldy.

Bürünç medal ugrundaky duşuşykda ABŞ bilen Kanada duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda Kanada goşmaça wagtda 127:118 hasabynda ýeňip, ilkinji gezek 3-nji ýeri eýeledi. Ýarym finalda Serbiýadan utulan Kanadanyň ýygyndysynda Dillon Bruks 39, Şai Giljes-Aleksander 31 utuk geçirdi. Ýarym finalda Germaniýadan asgyn gelen ABŞ-nyň ýygyndysy geçen çempionatda bassyr 2-nji gezek Dünýä Kubogyny medalsyz tamamlady. Olar 1963-nji we 1967-nji ýyllardan soň 3-nji gezek 4-nji orny eýelediler. Indiki çempionat 2027-nji ýylda Katarda geçiriler.



## San Marinoda Martin ýeňiş gazandy

**Moto GP boýunça möwsümiň 12-nji tapgyry San Marinoda geçirildi. 27 aýlawdan ybarat bolan San Marino «Gran Prisinde» «Ducati Prima Pramac» toparynyň ispaniýaly sürüjisi Horge Martin ýeňiş gazandy. Ol 41 minut 33,4210 sekuntda pellehana geldi. Sprint ýaryşynda ýeňiş gazanan Martin şu möwsümde 2-nji, umumylykda 3-nji gezek 1-nji ýeri eýeledi.**

**Martinden 1,350 sekunt yza galan «Mooney VR46 Racing» toparynyň italiýaly sürüjisi Marko Bezzekki 2-nji ýeri eýeledi. Ýeňijiden 3,812 sekunt soň pellehanadan geçen «Ducati Lenovo» toparynyň italiýaly sürüjisi, sanawyň lideri Françesko Banaia 3-nji orna mynasyp boldy.**



**Bu ýaryşdan soň sürüjileriň sanawynda 2-nji ýerdäki Horge Martin öňdebaryjy Françesko Banaia bilen utuk aratapawudyny azaltsa-da, italiýaly pilot ornuny saklamagyny dowam edýär. Banaianyň 283, Martiniň 247 utugy bar. 3-nji ýerdäki Bezzekki 218 utuk toplamagy başardy.**

**Moto GP-de möwsümiň 13-nji ýaryşy 24-nji sentýabrda Hindistanyň Noýda şäherinde geçiriler.**

## «ULY TUWULGALARYŇ» ÄGIRDI – NOWAK JOKOWIÇ

Tennis boýunça möwsümiň 4-nji «Uly tuwulga» ýaryşy bolan 143-nji «Amerika Açyk» bäsleşigi tamamlandy. Iki hepdeläp dowam eden ýaryşda erkekleriň arasynda serbiýaly Nowak Jokowiç, zenanlardan amerikaly Koko Gauff çempion boldy. Ýeňijileriň hersine aýratynlykda 3 million dollarlyk pul baýragy berildi.

Erkekleriň arasyndaky finalda 2-nji belgidäki Nowak Jokowiç 3-nji hatardaky russiýaly Daniil Medwedew bilen duşuşdy. 3 sagat 16 minutlap dowam eden finalyň 1-nji setinde Jokowiç ýeňillik bilen ýeňiş gazandy. Garşydaşyny 30 sagada ýetirmän 6:3 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. 2-nji set çekeleşikli ýagdaýda geçdi we ýeňijini taý-brek kesgitledi. Bu setde Jokowiç 7:6 hasabynda üstün çykdy. 3-nji setde Jokowiç 6:3 hasabynda ýeňiş gazanyp, çempionlygyny baýram etdi. Bu onuň iň köp finalda utulan ýerindäki, ýagny «Amerika Açykdaky» 2011-nji, 2015-nji hem-de 2018-nji ýyllardan soň 4-nji çempionlygy boldy. 24-nji «Uly tuwulga» kubogyny gazanan Jokowiç bu ugurda ähli döwürleriň iň köp «Uly tuwulgaly» çempiony, awstraliýaly zenan tennisçi Margaret Kortuň rekordyny gaýtalady. Ol «Rolan Garrosdan» soň, «Amerika Açygyň» hem iň ýaşuly çempiony boldy (36 ýaş 111 gün). Jokowiç 30 ýaşyndan soň 12-nji «Uly tuwulgasyny» gazanyp, bu ugurda rekord goýdy.



Bu onuň karýerasyndaky 96-njy ATP çempionlygy bolup, ol Rojer Federer (103) hem-de Jimmi Konnorsdan (109) soň 3-nji ýerde barýar.

2021-nji ýylda Jokowiçi finalda ýeňen Medwedewe bu gezek garşydaşyna rüstem gelmek başartmady. Bu onuň 4-nji «Uly tuwulga» finaly bolup, ol 3-nji gezek ýeňlişe sezewar boldy. Medwedew 2021-nji we 2022-nji ýyllarda «Awstraliýa Açygyň» finalynda utulypdy. Russiýaly tennisçi ýarym finalda geçen möwsümiň çempiony, 1-nji belgidäki ispaniýaly Karlos Alkarasy ýeňipdi.

Jokowiç bolsa 47-nji gezek ýarym finala çykyp, bu ugurda Rojer Federeriň rekordyny täzeläpdi. Ol ýarym finalda amerikaly Ben Şeltony 6:3, 6:2, 6:7 hasaplar bilen utupdy. Jokowiç «Wimbledon» tennis ýaryşynyň finalynda Karlos Alkarasdan ýeňilmedik bolsa, Şteffi Grafdan soň bir möwsümde 4 «Uly tuwulgany» gazanan 2-nji tennisçi bolmalydy.

### 2-nji FINALYNDA ILKINJI ÇEMPIONLYGY

● Zenanlaryň arasyndaky finalda-da amerikaly Koko Gauff bilen belarusly Aryna Sabalenka duşuşdy. 2 sagat 6 minutda tamamlanan finalyň 1-nji setinde ýarym finaldan soň 1-nji basgançaga beýgelen Sabalenka ýeňillik bilen ýeňiş gazandy (6:2). Ýöne 2-nji setde 6-njy ýerdäki Gauff has erjel oýun görkezdi. 19 ýaşyndaky tennisçi 6:3 ýeňiş gazanyp, umumy hasaby deňledi. 3-nji setde hasam lapykeç bolan Sabalenka garşydaşynyň oýnuna jogap berip bilmedi. Netijede, 3-nji setde 6:2 öňe saýlanan Gauff umumy hasapda 2:1 üstün çykyp, karýerasyndaky ilkinji «Uly tuwulga» çempionlygyny baýram etdi. Geçen ýyl «Rolan Garrosda» finala çykan Gauff polşaly Iga Şwentekden utulypdy. Bu onuň 6-njy çempionlygydyr.



## ÇEMPION ARANY AÇÝAR

**Dünýä Ralli çempionatynyň (WRC) möwsümdäki 10-njy ýaryşy Gresiýanyň Lamiýa şäherinde geçirildi. 270,89 kilometrden ybarat bolan 15 tapgyrly ýaryşda «Toyota Gazoo» toparynyň finlýandiýaly sürüjisi, soňky çempion Kalle Rowanpera ýeňiş gazandy. 3 sagat 16,7 sekuntda ýaryşy tamamlan Rowanpera şu möwsümdäki 3-nji, karýerasyndaky 11-nji ýeňşini baýram etdi.**

**Finlýandiýaly sürüjiden 1 minut 31,7 sekunt yza galan «Toyota Gazoo» toparynyň başga bir piloty, britaniýaly Elfin Ewans 2-nji, 1 minut 35,9 sekunt soň pellehanadan geçen «Hyundai Shell Mobis» toparynyň ispan sürüjisi Dani Sordo 3-nji orny eýeledi. Ott Tanakyň 4-nji bolan ýaryşynda Sebastien Ožie 7-nji, Tierri Noýwill 9-njy orunda ýaryşy tamamlady.**



**Möwsümiň tamamlanmagyna 3 tapgyr galanda Kalle Rowanpera 200 utuk bilen sanawyň başyny çekýär. 2-nji ýerdäki Ewansyň 167, 3-nji basgançakdaky Noýwilliň 134 utugy bar. 4-nji ýerdäki Tanak 119 utuk toplady. Möwsümiň 11-nji Rallisi 28-nji sentýabrda Çilide geçiriler.**

# FRANSIÝA BILEN PORTUGALIÝA GOL GEÇIRTMEZDEN ÝOLUNY DOWAM EDÝÄR



*Geljek ýyl Germaniýada geçiriljek 17-nji Ýewropa çempionatynyň saýlama tapgyrynyň nobatdaky duşuşyklary oýnaldy. Ispaniýanyň ýygyndysy 2 oýunda 13 gol geçirdi. Fransiýadyr Portugaliýanyň ýygyndysy gol geçirtmezden ýeňişli ýörişlerini dowam etdirýärler. Soňky çempion Italiýa bu 2 tapgyrda 4 utuk toplap, iň bolmanda 2-nji orny eýelemek üçin az-owlak öňegidişlik gazandy.*

*EURO 2024-iň saýlama tapgyrynda nobatdaky duşuşyklar 12–14-nji hem-de 15–17-nji oktýabrda geçiriler. Şol duşuşyklardan soň Şotlandiýadyr Fransiýanyň hem-de Portugaliýanyň çempionatyň final tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazanmaklary hem mümkin.*



### 2 OÝUNDA 13 GOL

● **«A» toparçada** Şotlandiýanyň liderligi dowam edýär. Olar myhmançylykda Kipri 3–0 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda 1 gezek tapawutlanan MakTomineý toparçalardaky 6-njy goluny geçirdi. Ispaniýanyň ýygyndysy 2 duşuşygynda-da uly hasaply ýeňiş gazandy. Myhmançylykda Gruziýany 7–1 ýeňen Ispaniýanyň 3 goluny Morata geçirdi. Duşuşykda tapawutlanan Ýamal milli ýygyndyda gol geçiren iň ýaş oýunçy boldy. Ispaniýa 2-nji duşuşygynda-da Kipriň derwezesinden jogapsyz 6 gol geçirdi. Duşuşykda ispanlaryň gollaryny Gawi, Merino, Hoselu, Ferran Torres (2) hem-de Baena derweze girizdi. Norwegiýa bolsa ýyldyzlary — Holannyň hem-de Edegoryň gollary bilen Gruziýany 2–1 utdy.

**«B» toparçada** Fransiýanyň ýygyndysy Irlandiýany Tçuameni hem-de Turamyň gollary bilen 2–0 ýeňip, gol geçirtmezden liderligini dowam etdirýär. Niderlandlar ilki Gresiýany 3–0, soňra myhmançylykda Irlandiýany 2–1 hasaplar bilen ýeňmegi başardy. Her duşuşykda-da Gakpo bilen Weghorst 1 gol geçirdi. 2-nji ýer ugrunda göreşýän grekler gibraltarlylaryň derwezesinden jogapsyz 5 pökgi girizdi. Duşuşykda Mawropanos bilen Masurasyň hersi 2 gezek tapawutlandy.

**«C» toparçada** Ýewropanyň soňky çempiony myhmançylykda Demirgazyk Makedoniýa bilen utuklary paýlaşdy (1–1, Bardhi 81 — Immobile 47). Italýanlar 2-nji duşuşygynda Ukrainany Frattesiniň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Ukraina Italiýadan öň Angliýa bilen 1–1 (Zinçenko 26 — Wolker 26) deňme-deň oýnapdy. Maltany 2–0 ýeňen makedonlaryň Italiýadyr Ukraina bilen bilelikde 7 utugy bar. 3 ýygyndynyň arasynda 2-nji ýer üçin ýiti göreş dowam edýär.

**«D» toparçada** Horwatiýa ilki Latwiýany 5–0, soňra myhmançylykda Ermenistany 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. 1-nji oýunda Petkowiç 2 gol geçirdi. Latwiýanyň derwezesinden 1 gol geçiren Kramariç 2-nji duşuşykdaky ýeke-täk goly hem öz adyna ýazdyrdy.

**«E» toparçada** myhmançylykda Çehiýa bilen 1–1 deňme-deň oýnan Albaniýa öz meýdançasynda Polşany Asani we Dakunyň gollary bilen 2–0 utdy we 1-nji orna geçdi. Polşa 1-nji duşuşygynda Farer adalaryny Lewandowskiniň gollary bilen 2–0 ýeňdi.

**«F» toparçada** Belgiýanyň ýygyndysy myhmançylykda Azerbaýjany Karraskonyň goly bilen 1–0 ýeňdi. Toparçada Estoniýanyň ýygyndysy 2 duşuşygynda hem 5–0 hasabynda utuldy. Olary ilki şwedler Gýokeresiň, Kuluşewskiniň, Isakyň, Kuaisonyň hem-de Klasseniň gollary bilen 5–0 hasabynda utdy. Belgiýanyň ýygyndysy-da Estoniýany 5–0 hasabynda utan 2-nji topar bolup, ýer eýeleriniň adyndan Wertongen, Trossar, Lukaku (2) hem-de De Ketelare tapawutlandy.

**«G» toparçada** Wengriýa myhmançylykda Serbiýany Warga hem-de Orbanyň 2 minutda geçiren gollary esasynda 2–1 utdy. Serbiýa 2-nji duşuşygynda-da Mitrowiçiň het-trigi bilen myhmançylykda Litwany 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

**«H» toparçada** 2 duşuşygynda-da 4 gol geçiren Sloweniýanyň ýygyndysy 1-nji orna geçdi. Öz meýdançasynda D. Irlandiýany 4–2 ýeňen slowenler myhmançylykda-da San Marinodan 4–0 üstün çykdylar. Öz meýdançasynda San Marinonyň derwezesinden jogapsyz 4 gol geçiren Daniýa myhmançylykda Finlýandiýany Hýoýbergiň ýeke-täk goly bilen 1–0 utdy. Öz meýdançasynda finlerden 1–0 utulan gazaklar şol hasap bilen D. Irlandiýany ýeňdi. Gazaklara ýeňiş getiren ýeke-täk goly Samorodow geçirdi.

**«I» toparçada** 5-nji tapgyryň duşuşyklary deňlikde tamamlandy. 6-njy tapgyrda-da ýer eýeleri gol geçirtmezden ýeňiş gazandy. Kosowo bilen 2–2 deňme-deň oýnan Şweýsariýa Andorrany Itteniň, Džakanyň hem-de Şakiriniň gollary esasynda 3–0 hasabynda ýeňdi.

**«J» toparçada** Slowakiýany Bruno Fernandeşiň ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňen Portugaliýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Lýuksemburgyň ýygyndysynyň derwezesinden jogapsyz 9 gol geçirdi. Gollary Gonsalo Inasio (12, 45+4), Gonsalo Ramuş (18, 34), Diogo Žota (57, 77), Horta (67), Bruno Fernandeş (83) hem-de Žoao Feliks (88) derwezä girizdi. Duşuşykda Ronaldo sary kart jerimesi sebäpli oýnamady. Lýuksemburg Portugaliýa bilen duşuşýança yzly-yzyna 3 oýunda ýeňiş gazanypdy. Olar 5-nji tapgyrda Islandiýany 3–1 hasabynda ýeňip, saýlama tapgyrynda yzly-yzyna 3-nji ýeňşini gazandy.



| Or. | «A» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ŞOTLANDIÝA | 5 | 5 | 0 | 0 | 12-1 | 15 |
| 2 | ISPANIÝA | 4 | 3 | 0 | 1 | 16-3 | 9 |
| 3 | NORWEGIÝA | 5 | 2 | 1 | 2 | 7-8 | 7 |
| 4 | GRUZIÝA | 5 | 1 | 1 | 3 | 5-13 | 4 |
| 5 | KIPR | 5 | 0 | 0 | 5 | 2-17 | 0 |

Gruziýa—Ispaniýa: 1-7, Kipr—Şotlandiýa: 0-3, Norwegiýa—Gruziýa: 2-1, Ispaniýa—Kipr: 6-0

| Or. | «B» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | FRANSIÝA | 5 | 5 | 0 | 0 | 11-0 | 15 |
| 2 | NIDERLANDLAR | 4 | 3 | 0 | 1 | 8-5 | 9 |
| 3 | GRESIÝA | 5 | 3 | 0 | 2 | 10-5 | 9 |
| 4 | IRLANDIÝA | 5 | 1 | 0 | 4 | 5-7 | 3 |
| 5 | GIBRALTAR | 5 | 0 | 0 | 5 | 0-17 | 0 |

Fransiýa—Irlandiýa: 2-0, Niderlandlar—Gresiýa: 3-0, Gresiýa—Gibraltar: 5-0, Irlandiýa—Niderlandlar: 1-2

| Or. | «C» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ANGLIÝA | 5 | 4 | 1 | 0 | 16-2 | 13 |
| 2 | ITALIÝA | 4 | 2 | 1 | 1 | 6-4 | 7 |
| 3 | UKRAINA | 5 | 2 | 1 | 2 | 6-7 | 7 |
| 4 | D. MAKEDONIÝA | 5 | 2 | 1 | 2 | 7-12 | 7 |
| 5 | MALTA | 5 | 0 | 0 | 5 | 1-11 | 0 |

Ukraina—Angliýa: 1-1, D. Makedoniýa—Italiýa: 1-1, Italiýa—Ukraina: 2-1, Malta—D. Makedoniýa: 0-2

| Or. | «D» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | HORWATIÝA | 4 | 3 | 1 | 0 | 9-1 | 10 |
| 2 | TÜRKIÝE | 5 | 3 | 1 | 1 | 8-6 | 10 |
| 3 | ERMENISTAN | 5 | 2 | 1 | 2 | 8-7 | 7 |
| 4 | UELS | 5 | 2 | 1 | 2 | 6-7 | 7 |
| 5 | LATWIÝA | 5 | 0 | 0 | 5 | 3-13 | 0 |

Horwatiýa—Latwiýa: 5-0, Türkiýe—Ermenistan: 1-1, Latwiýa—Uels: 0-2, Ermenistan—Horwatiýa: 0-1

| Or. | «E» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ALBANIÝA | 5 | 3 | 1 | 1 | 8-3 | 10 |
| 2 | ÇEHIÝA | 4 | 2 | 2 | 0 | 7-2 | 8 |
| 3 | MOLDOWA | 5 | 2 | 2 | 1 | 5-5 | 8 |
| 4 | POLŞA | 5 | 2 | 0 | 3 | 6-8 | 6 |
| 5 | FARER AD. | 5 | 0 | 1 | 4 | 2-10 | 1 |

Çehiýa—Albaniýa: 1-1, Polşa—Farer adalary: 2-0, Farer adalary—Malta: 0-1, Albaniýa—Polşa: 2-0

| Or. | «F» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BELGIÝA | 5 | 4 | 1 | 0 | 13-1 | 13 |
| 2 | AWSTRIÝA | 5 | 4 | 1 | 0 | 12-4 | 13 |
| 3 | ŞWESIÝA | 5 | 2 | 0 | 3 | 11-8 | 6 |
| 4 | AZERBAÝJAN | 4 | 0 | 1 | 3 | 2-11 | 1 |
| 5 | ESTONIÝA | 5 | 0 | 1 | 4 | 2-16 | 1 |

Azerbaýjan—Belgiýa: 0-1, Estoniýa—Şwesiýa: 0-5, Belgiýa—Estoniýa: 5-0, Şwesiýa—Awstriýa: 1-3

| Or. | «G« | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | WENGRIÝA | 4 | 3 | 1 | 0 | 7-1 | 10 |
| 2 | SERBIÝA | 5 | 3 | 1 | 1 | 9-4 | 10 |
| 3 | GARADAG | 5 | 2 | 2 | 1 | 5-5 | 8 |
| 4 | BOLGARIÝA | 5 | 0 | 2 | 3 | 3-8 | 2 |
| 5 | LITWA | 5 | 0 | 2 | 3 | 4-10 | 2 |

Litwa—Garadag: 2-2, Serbiýa—Wengriýa: 1-2, Garadag—Bolgariýa: 2-1, Litwa—Serbiýa: 1-3

| Or. | «H» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | SLOWENIÝA | 6 | 4 | 1 | 1 | 13-6 | 13 |
| 2 | DANIÝA | 6 | 4 | 1 | 1 | 12-5 | 13 |
| 3 | FINLÝANDIÝA | 6 | 4 | 0 | 2 | 11-4 | 12 |
| 4 | GAZAGYSTAN | 6 | 4 | 0 | 2 | 9-5 | 12 |
| 5 | D. IRLANDIÝA | 6 | 1 | 0 | 5 | 4-8 | 3 |
| 6 | SAN MARINO | 6 | 0 | 0 | 6 | 0-21 | 0 |

Gazagystan—Finlýandiýa: 0-1, Daniýa—San Marino: 4-0, Sloweniýa—D. Irlandiýa: 4-2, Gazagystan—D. Irlandiýa: 1-0, Finlýandiýa—Daniýa: 0-1, San Marino—Sloweniýa: 0-4

| Or. | «I» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ŞWEÝSARIÝA | 6 | 4 | 2 | 0 | 17-5 | 14 |
| 2 | RUMYNIÝA | 6 | 3 | 3 | 0 | 9-4 | 12 |
| 3 | YSRAÝYL | 6 | 3 | 2 | 1 | 7-7 | 11 |
| 4 | BELARUS | 6 | 1 | 1 | 4 | 4-11 | 4 |
| 5 | KOSOWO | 6 | 0 | 4 | 2 | 5-8 | 4 |
| 6 | ANDORRA | 6 | 0 | 2 | 4 | 3-10 | 2 |

Andorra—Belarus: 0-0, Rumyniýa—Ysraýyl: 1-1, Kosowo—Şweýsariýa: 2-2, Ysraýyl—Belarus: 1-0, Rumyniýa—Kosowo: 2-0, Şweýsariýa—Andorra: 3-0

| Or. | «J» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PORTUGALIÝA | 6 | 6 | 0 | 0 | 24-0 | 18 |
| 2 | SLOWAKIÝA | 6 | 4 | 1 | 1 | 8-2 | 13 |
| 3 | LÝUKSEMBURG | 6 | 3 | 1 | 2 | 7-16 | 10 |
| 4 | BOSNIÝA | 6 | 2 | 0 | 4 | 5-9 | 6 |
| 5 | ISLANDIÝA | 6 | 2 | 0 | 4 | 10-9 | 6 |
| 6 | LIHTENŞTEÝN | 6 | 0 | 0 | 6 | 1-19 | 0 |

Bosniýa—Lihtenşteýn: 2-1, Lýuksemburg—Islandiýa: 3-1, Slowakiýa—Portugaliýa: 0-1; Islandiýa—Bosniýa: 1-0, Portugaliýa—Lýuksemburg: 9-0, Slowakiýa—Lihtenşteýn: 3-0



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# TOMUSKY TRANSFERLERIŇ JEMI

**Futbolda ýylyň dowamynda 2 gezek geçirilýän oýunçy alyş-çalşygy, ýagny transferler klublar üçin aýratyn uly orna eýedir. Tomusky transfer möwsümi tamamlanyp, klublaryň oýunçy alyş-çalşygy üçin sarp edilen puluň mukdary rekord derejä ýetdi. Klublar şu tomusda transfere 7,36 milliard dollarlyk maýa goýberdi. Şol sanda zenan futbolynda hem transfere goýberilen puluň mukdary hem artdy.**



## REKORD HAS ÝOKARY GÖTERILDI

● FIFA Transfer deňeşdirme ulgamy (TMS) bu barada giňişleýin hasabaty mälim etdi. Şoňa görä, 1-nji iýun — 1-nji sentýabr aralygynda transfere harçlanan 7,36 milliard dollaryň 6,24 milliardy anyk transfer tölegleri bolup, galan mukdar goşmaça tölegleri (oýunçynyň, klubuň görkezjek başarnygyna bagly kesgitlenen mukdar) emele getirýär. Şunlukda, 2023-nji ýylyň tomsunda 2019-njy ýylyň tomsundaky 5,8 milliard dollarlyk rekord hem täzelendi. Umumylykda transfere goýberilen 7,36 milliardyň 6,01 milliardy Ýewropa klublaryna degişlidir. Aziýa klublary bolsa 1,03 milliard dollarlyk sarp ediş bilen 2-nji ýeri eýeledi.

Tomusky transferleriň soňky ýyllaryna seredenimizde, 2017-nji ýylda 5 milliard, 2018-nji ýylda 5,26 milliard, 2019-njy ýylda-da 5,8 milliard dollarlyk oýunçy alyş-çalşygy hasaba alnypdy. Pandemiýanyň ýüze çykmagyndan soň görkezijiler az–owlak peselip, 2020-nji ýylda 4,02 milliard, 2021-nji ýylda 3,85 milliard dollara düşüpdi. Ýöne 2022-nji ýylda täzeden 5 milliard dollardan geçipdi.

## 10 MÜŇDEN KÖP FUTBOLÇY TRANSFER BOLDY

● Şeýle-de, 2022-nji ýylyň tomsuna garanyňda, transfer bolan oýunçylaryň sany 2,2 göterim köpelip, 10 müň 125-e ýetdi. Geçen tomus bu görkeziji 9 müň 906-a deňdi.

Hasabata görä, futbolçylaryň menejerleri 696,6 million dollarlyk aradurar tölegini (komission tölegi) aldy. Geçen ýyl menejerler 494,5 million dollarlyk komission tölegini gazanypdylar. 10 ýyl öň menejerleriň komission tölegi transfer tölegleriniň 5,8 göterimini emele getirýän bolsa, ol häzirki wagtda 9,5 göterime deňdir.

**TRANSFERE IŇ KÖP PUL HARÇLAN ÇEMPIONATLAR**

| | | |
|---|---|---|
| «Premier League» | Angliýa | 2,81 milliard ýewro |
| «Saudi Pro Liga» | S. Arabystany | 955,87 million ýewro |
| «Ligue 1» | Fransiýa | 898,64 million ýewro |
| «Serie A» | Italiýa | 854,83 million ýewro |
| «Bundesliga» | Germaniýa | 748 million ýewro |
| «La Liga» | Ispaniýa | 440,85 million ýewro |
| «Eredivisie» | Niderlandlar | 230,75 million ýewro |
| «EFL Championship» | Angliýa | 213,16 million ýewro |
| «Primeira Liga» | Portugaliýa | 190,53 million ýewro |
| «Jupiler Pro Liga» | Belgiýa | 156,62 million ýewro |

**TRANSFERE IŇ KÖP PUL HARÇLAN 10 KLUB**

| | | |
|---|---|---|
| «Çelsi» | Angliýa | 464 million ýewro |
| «Al Hilal» | S. Arabystany | 353 million ýewro |
| PSŽ | Fransiýa | 349,5 million ýewro |
| «Tottenham» | Angliýa | 248,6 million ýewo |
| «Man. Siti» | Angliýa | 241 million ýewro |
| «Arsenal» | Angliýa | 235 million ýewro |
| «M. Ýunaýted» | Angliýa | 206 million ýewro |
| «Al-Ahli» | S. Arabystany | 194 million ýewro |
| «Liwerpul» | Angliýa | 172 million ýewro |
| «Al Nassr» | S. Arabystany | 165 million ýewro |

**TOMUSKY TRANSFERIŇ IŇ GYMMAT 10 FUTBOLÇYSY**

| | | |
|---|---|---|
| Deklan Raýs | «West Ham» → «Arsenal» | 116,6 million ýewro |
| Moises Kaisedo | «Braýton» → «Çelsi» | 116 million ýewro |
| Jud Bellingam | «Borussiýa D» → «Real M» | 103 million ýewro |
| Harri Keýn | «Tottenham» → «Bawariýa» | 100 million ýewro |
| Randal Kolo-Muani | «Aýntraht» → PSŽ | 95 million ýewro |
| Ýoşko Gwardiol | «Leipsig» → «Man. Siti» | 90 million ýewro |
| Neýmar | PSŽ → «Al Hilal» | 90 million ýewro |
| Rasmus Hýoýlund | «Atalanta» → «M. Ýunaýted» | 75 million ýewro |
| Kai Hawerts | «Çelsi» → «Arsenal» | 75 million ýewro |
| Dominik Soboslai | «Leipsig» → «Liwerpul» | 70 million ýewro |

## ZENAN FUTBOLYNDA-DA ULY ÖSÜŞ

● Zenan futbolynda-da transferleriň sanynda, olara tölenýän töleglerde görnetin ösüş duýulýar. 2019-njy ýylyň tomsunda 386, 2020-nji ýylyň tomsunda 529, 2021-nji ýylyň tomsunda 598, 2022-nji ýylyň tomsunda 696 zenan futbolçy transfer bolan bolsa, bu görkeziji şu tomusda 829-a ýetdi. Olaryň 66-sy tölegi tölenen ymykly transferler bolup (geçen ýyl 36 futbolçy), galanlary kärendesine alnan futbolçylardyr. Umumylykda zenan futbolyndaky transferiň pul mukdary-da 3 million dollara ýetdi.

## IŇLIS KLUBLARY ÖŇDELIGI SAKLAP GELÝÄR

● Ýaýlyma bermek hukugy, lisenziýaly önümler, stadiondan gelýän girdejiler ýaly ugurlaryň netijesinde ykdysady babatda dünýäniň iň baý ligasy hasaplanýan Angliýanyň «Premier Ligasy» ýene-de liderligini saklamagy başardy. «Premier Liganyň» klublary 3 aýyň dowamynda transfere 2,81 milliard ýewro sarp etdi. Saud Arabystanynyň 18 kluby 955 million ýewro bilen 2-nji, fransuz klublary-da 898 million ýewro bilen 3-nji ýeri eýeledi. Italiýanyň çempionaty «Serie A»-nyň klublary 854, «Bundesliganyň» klublary 748, «La Liganyň» toparlary-da 439 million ýewrony transfere goýberdi.

Tomusky transfer möwsüminde iň köp çykdajy eden klublar ýene-de iňlis klublary boldy. Şol bir wagtyň özünde şu tomsuň iň gymmat 10 transferiniň 6-sy iňlis klublaryna degişlidir.

## «ÇELSI» ÝENE-DE BIRINJI

● Geçen gyşky transfer möwsüminde 8 futbolçy üçin 329,5 million ýewro sarp eden «Çelsi» tomusda-da öňdeligi eýelemegi başardy. Tomusky transfer möwsüminde londonlylaryň kassasyndan 464 million ýewro çykdy. 2-nji ýeri arap kluby «Al-Hilal» eýeledi. Er-Riýad şäheriniň wekili täze ýyldyzlarynyň transferine 353 million ýewro maýa goýdy. PSŽ topary 349,5 million ýewro bilen 3-nji orna mynasyp boldy. Ilkinji 10-luga giren toparlaryň 6-sy iňlis, 3-si arap, beýleki biri-de fransuz kluby hökmünde hasaba alyndy.

## IŇ GYMMADY «ARSENALLY» DEKLAN RAÝS

● Tomsuň iň gymmat transferi «Arsenalyň» «West Hamdan» alan ýarymgoragçysy Deklan Raýs boldy. «Arsenal» bu transfer üçin 116,6 million ýewrony şäheriň beýleki klubuna töledi. «Çelsiniň» «Braýtondan» alan ekwadorly ýarymgoragçysy Moises Kaisedo 116 million ýewro bilen 2-nji ýeri eýeledi. «Real Madridiň» Jud Bellingam üçin «Borussiýa Dortmunda» tölän 103 million ýewrosy sanawda 3-nji orna mynasyp boldy. «Bawariýanyň» 100 million ýewrolyk transferi Harri Keýniň 4-nji bolan sanawynda PSŽ-niň fransuz hüjümçisi Randal Kolo-Muani 95 million ýewro bilen 5-nji orny eýeledi.

# NEÝMAR PELEDEN ÖŇE SAÝLANDY

**Ýene-de 3 ýyldan Meksikadyr ABŞ-da we Kanadada geçiriljek FIFA Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynyň oýunlaryna Günorta Amerika zolagynda badalga berildi.**

10 ýygyndydan ybarat bolan Günorta Amerika zolagynda çykyş edýän toparlaryň 6-sy Dünýä Kubogyna gatnaşar, pleý-offlardan soňam ýene biriniň olaryň hataryna goşulmagy mümkin.



Saýlama duşuşyklarynyň ilkinji tapgyrynda Braziliýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Boliwiýany 5–1 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda 2 gol geçiren Neýmaryň milli topardaky gollarynyň sany 79-a ýetdi. Şunlukda, ol bu ugurda futbolyň şasy, merhum Peleden (77 gol) öňe saýlandy. Braziliýanyň ýygyndysy 2-nji duşuşygynda-da myhmançylykda Peruny Markiniosyň 90-njy minutda geçiren goly bilen 1–0 ýeňdi. 36 oýundan bäri Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynda ýeňilmän gelýän Braziliýa bu ugurda Germaniýa bilen deňleşdi. Bu babatda rekord 66 oýun bilen ispanlara degişlidir.

## MESSINIŇ JERIME URGUSYNDAN 65-NJI GOLY

● Argentinanyň ýygyndysy 1-nji duşuşygynda Ekwadory Lionel Messiniň 78-nji minutda jerime urgusyndan geçiren goly esasynda ýeňdi. Bu Messiniň jerime urgusyndan geçiren 65-nji goly bolup, ol Dewid Bekham bilen deňleşdi. Bu görkeziji boýunça sanawyň başyny 77 gol bilen braziliýaly Juninio Pernambukano çekýär. Argentinanyň ýygyndysy 2-nji duşuşygynda-da Boliwiýany Fernandes, Taliafiko hem-de Gonzalesiň gollary bilen 3–0 utdy.



Paragwaý—Peru: 0–0, Kolumbiýa—Wenesuela: 1–0, Argentina—Ekwador: 1–0, Urugwaý—Çili: 3-1, Braziliýa—Boliwiýa: 5–1, Ekwador—Urugwaý: 1–0, Boliwiýa—Argentina: 0–3, Wenesuela—Paragwaý: 1–0, Çili—Kolumbiýa: 0–0, Peru—Argentina: 0–1.

# ÝOLDAŞLYK DUŞUŞYKLARY

## WEZIPESINDEN BOŞADYLAN ILKINJI TÄLIMÇI

● Milli ýygyndylaryň birnäçesi soňky 12 günüň dowamynda ýoldaşlyk duşuşyklaryny geçirdiler. EURO 2024-iň guraýjysy Germaniýa öz meýdançasynda Ýaponiýa bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda ýaponlar güýçli garşydaşyny 4-1 hasabynda ýeňdi. Ýaponlara ýeňiş getiren gollary Ito, Ueda, Asano hem-de Tanaka geçirdi. Bu duşuşykdan soň Germaniýanyň tälimçisi Hansi Flik wezipesinden boşadyldy. Ol 122 ýyllyk Germaniýanyň milli ýygyndysynda wezipeden boşadylan ilkinji tälimçi hökmünde hasaba alyndy. Germaniýanyň ýygyndysy soňky 5 duşuşygyň 4-sinde ýeňlip, 1-inde hem deňme-deň oýnady. Umumylykda Hansi Flikiň tälimçiliginde Germaniýanyň milli topary 25 oýnuň 12-sinde ýeňiş gazanyp, 6-synda utuldy, 7-sinde deňme-deň netije görkezdi. Germaniýanyň ýygyndysynyň täze tälimçisi öňümizdäki günlerde mälim ediler. Germaniýanyň ýygyndysy soňky duşuşygynda Fransiýany Müller hem-de Saneniň gollary bilen 2–1 ýeňdi. Ýaponiýanyň ýygyndysy bolsa Belgiýada Türkiýäniň ýygyndysyny 4–2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.



## 600-nji ÝEŇIŞ

● Ýoldaşlyk duşuşyklarynyň ýene biri Şotlandiýa bilen Angliýanyň arasynda oýnaldy. Glazgodaky «Hampden Park» stadionynda oýnalan bu oýunda iňlisler 3–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Bu olaryň 600-nji ýeňşi boldy. Angliýanyň ýygyndysy Ýewropada 600 ýeňiş gazanan ilkinji, dünýäde-de Braziliýadan (661 ýeňiş) soň 2-nji milli topar hökmünde hasaba alyndy. Angliýanyň ýygyndysy şu wagta çenli 1047 duşuşyk geçirip, şolarda 195 oýunda utuldy, 250 duşuşykda-da deňme-deň oýnady.



# 24 ýyllyk dünýä rekordy täzelendi

**Ýeňil atletika boýunça geçirilýän Almaz Liga ýaryşynyň nobatdaky tapgyry Belgiýanyň paýtagty Brýusselde geçirildi. Şonda erkekleriň arasynda 2000 metre ylgamakda 24 ýyllyk dünýä rekordy täzelendi. Norwegiýaly ylgaýjy Ýakob Ingebrigtsen 2000 metr aralygy 4 minut 43,13 sekuntda geçip, dünýä rekordyny goýdy. Ol ozalky rekordy 1,5 sekunt ösdürmegi başardy. Bu ugurda ozalky rekord marokkoly Hişam El Gerruža degişli bolup, ol 1999-njy ýylyň 7-nji sentýabrynda, ýagny laýyk 24 ýyl öň Berlinde 2000 metr aralygy 4 minut 44,79 sekuntda geçipdi.**

**Brýusseldäki ýaryşda keniýaly Reýnold Kipkorir Çeruiýot 2-nji (4:48,14), awstraliýaly Stýuwart Maksweýn 3-nji (4:48,77) ýeri eýeledi.**




**Hormatly raýatlar!**
**Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky «Owerdraft karty» atly täze bank kartynyň amatlyklaryndan peýdalanmaga çagyrýar!**

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky «Altyn asyr» bank kartyny saklaýjy müşderilerine bank tarapyndan hödürlenilýän gysga möhletli karzlar üçin «Owerdraft karty» atly täze bank kartynyň ulanyşa girizilendigini habar berýär.

«Owerdraft karty» nagt däl görnüşinde hasaplaşyklar geçirilende müşderiniň «Altyn asyr» bank kart hasabyndaky pul serişdeleri ýeterlik bolmadyk halatynda baglaşylan şertnama laýyklykda onuň «Owerdraft kart» hasabyna kesgitlenen çäklerde awtomatiki usulda gysga möhletli karzlary resmileşdirmäge mümkinçilik berýär.

Müşderiniň aýlyk zähmet haky geçýän «Altyn asyr» bank kart hasabyna serişde gelip gowşanda bellenilen tertipde karz yzyna gaýtarylýar.




Şeýle hem degişli şertnamanyň hereket edýän döwründe karz gaýtarylandan soňra, goşmaça şertnama baglaşmazdan «Owerdraft kart» hasabyna karzy gaýtadan ulanmak mümkinçiligi döredilen.

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Merkezi edarasy boýunça habarlaşmak üçin telefon belgisi: 44-03-04
Şahamçalaryň salgylary we telefon belgileri bankyň www.tnbk.tm resmi internet sahypasynda görkezilen.



Лиц. № 1-19-20-1439, № 1-19-20-1211

ULKE ENERGY

Специализированное предприятие ИП «ULKE» предлагает Вам квалифицированные услуги по монтажу, наладке и ремонту электрооборудования напряжением 0,4-35кВ, ремонт различных электродвигателей 0,4 - 10000кВт, силовых трансформаторов любой мощности напряжением до 10кВ, промышленных генераторов от 20кВт - до 10мВт, водяных насосов различных типов.

ИП«ULKE» является официальным представителем холдинга ALAGEUM ELECTRIC (Казахстан) и поставляет промышленное электрооборудование от производителя (трансформаторы, КТПН, оборудование для ОРУ и ЗРУ, НВ и ВВ ячейки).

alageum electric



Туркменистан, г. Ашхабад, ул. 2087 (Ага Бердиев) д.163
Тел.: +99312 23 37 28; Факс: +99312 23 14 87; E-mail: ulke_enerji@mail.ru; www.ulke.parahat.info



